# Kratologiỳa

Aşgabat – 2010

© Ata Çarygulyỳew. Ýokary okuw mekdepleriniň syýasaty öwreniş hünäriniň talyplary üçin okuw gollanmasy.

Dünýä taryhy kafedrasynyň dosenti N.Gajarowyň ylmy redaksiýasy bilen.

**Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan hödürlenildi**

**© Ata Çarygylyýew.**
**©Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersiteti.**

# Giriş

Ýurdumyzda her bir adamyň bilim almagy kanun tarapyndan kepillendirilýär. Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 38-nji maddasynda “Her bir raýatyň bilim almaga hukugy bardyr” diýlip kesgitlenen bolsa, “Bilim hakyndaky” Türkmenistanyň Kanunynyň 1-nji maddasynda “Bilim almak hukugy Türkmenistanyň raýatlaryny esasy we aýrylmaz konstitusion hukuklarynyň biri bolup durýar” diýlip bellenilýär. Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow ýurt Baştutanlygyna girişen günlerinden bilime aýratyn üns berip başlandygy, ilkinji gol çeken Permanlarynyň hem bilim ulgamyny kämilleşdirmek bilen baglanyşykly bolandygyny ýatlasak onda bu Kanunyň özeniniň şu sözlerden alnandygyna göz ýetirmek mümkin.

Milli Liderimiziň gol çeken “Türkmenistanda Bilim hakyndaky”, Türkmenistanynyň Kanunyna üýtgetme girizmek baradaky” Türkmenistanyň Kanunylary, “Türkmenistanyň bilim ulgamyny kämilleşdirmek hakyndaky” Permany, “Türkmenisatnyň bilim-terbiýeçilik edaralarynyň işini kämilleşdirmek hakyndaky”, “Türkmenistanda ylym ulgamyny kämilleşdirmek hakyndaky”, “Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň işi hakyndaky” çuňňur many-mazmuny jemleýän Kararlary ýurdumyzyň bilim hem ylym ulgamyny dünýä derejesine çykarmagyň aýdyň ýollaryny salgy berýär. Milli bilim-ylym ulgamyny uly ösüşlere ataran bu Permandyr Kararlar bilimiň ýeten meseleleriniň oýlanyşykly çözülmegini hem alada etdi. Beýik Galkynyş eyýamynda gün-günden belent sepgitleri eýeleýän ýurdumyzda bu ugurda eýýäm beýik işleriň amal edilendigi, “Biz Garaşsyz, baky Bitarap Watanymyzy täze belentliklere ýetirmekde esasy sütünleriň biri bolan bilim ulgamyny düýpli özgertmegi we kämilleşdirmegi esasy wezipämiz höküminde kesgitledik” diýmekligiň özi döwlet Baştutanymyzyň alyp barýan syýasatynyň üstünlikli durmuşa ornaşdyrylýandygyna doly güwä geçýar.

Her bir ylmyň öz gadymylygy bar. Edil şonuň ýaly-da onuň emele gelişiniň, ösüşiniň şu günki ýagdaýynyň taryhy-da bolýar. Her bir ylmyň kemala gelmeginde zerur şertleri döreden deslapky şertler hem zerurlyklar bolýar.

Kratologiýa häkimiýet baradaky ylymdyr. Kratologiýa ilki başda ýönekeý görnüşlerde urug jemgyýeti döwründe we hat-da ondan hem öň döräpdir. Şu döwürlerde, häkimiýetiň ilkinji elementleri ýüze çykyp ugrapdyr, emma ol asyrlaryň dowamyndan biziň şu günlerimize çenli syýasaty perde edinip geldi.

Syýasat dürli döwürlerde dürli hili ösüş özgerişleri başdan geçirip şu günlere çenli gelip ýetipdir.

Elbet-de, syýasat bar ýerinde häkimiýetiň bardygy düşüniklidir.

Adamzat häkimiýet ugrundaky göreşlerde, syýasat we häkimiýet baradaky pikirlerini baýlaşdyrypdyr. Netijede syýasat hem häkimiýet baradaky düşünjeler ylym häsiýetine geçipdir. Şu ýerde XI asyryň belli alymy we syýsatçysy Nyzamylmülk barada ýatlaman geçmeklik bolmaz. Ol döwletiň merkezleşen häkimiýetiniň ýitip gitmezliginiň aladasy bilen ýaşan ýeketäk wezirdir diýip aýtsa bolar. Hökümdarlar tarapyndan aýry-aýry adamlara ullakan mülkleriň berilmekliginiň ýurduň içinde bölünmeklige getirýänligi barada gymmatly pikirlerini Seljuk soltanlaryna aýdyp bilen wezirdir. Gündogaryň tagt dawalarynda we häkimlik ugrundaky göreşlerde onuň wepat bolmagynyň düýp aňyrsynda-da onuň progressiw pikirlenişi ýatyr.

Ol Seljuklar döwlewtiniň syýasy durmuşyny beýan edýän bir kitap ýazýar. 1090-njy ýyllarda ýazylan ol kitaba “Syýasatnama” diýip at beripdirler. Eser syýasat hem häkimlik barada juda köp maglumatlary, ýörelgeleri, usullary, ýollary beýan edýär. Şol döwri öwrenmek üçin, onuň syýasatyna göz ýetirmek üçin bu eser gymmatly çeşme bolmagynda galýar.

Syýasatyň ösmegi bilen häkimiýet baradaky düşünjeler hem ösüpdir. Netijede häkimiýet barada öňli soňly düşünjeler

kemala gelipdir. Ýörite adalgalar peýda bolýar. Olaryň käbiriniň üstünde durup geçmelidir.

Super häkimiýet.

Ýokary häkimiýetlilik, ullakan hukuklaryň we ygtyýarlyklaryň bir elde ýa-da bir organda (toparda), guramada jemlenmegi. Şeýle häkimiýet apsolýut monarhiýalarda ýa-da totalitar düzgünli häkimiýetli gurluşlara mahsus.

Çürbaşy häkimiýet.

Ullakan uç-gyraksyz häkimiýet. Täsiriniň güýçlüligi boýunça alnanda şu hili häkimiýetiň özüne deňi taýy meňzeşi bolmaýar.

Sub häkimiýet.

Özünden ýokarda duran häkimiýete tabynlylyk.

Ýarym häkimiýetliklik.

Göçme manyda aýdylanda ýarym ölçegli häkimiýet. Häkimiýet munda doly ýagdaýda bolman soň, ahyrky ýagdaýda şowsuzlyga we dargamaklyga uçraýar.

Gapma-garşy häkimiýet.

Bu häkimiýet, adatça başga bir häkimiýetiň dargamaklyk prosesinde peýda bolýar. Özü-de özüniň öňe sürýän maksatnamalary boýunça şol häkimiýete garşy durýar.

Kwazi häkimiýet.

Hakykat ýüzünde özüňiň mümkinçiliklerini ýitiren, ýöne onda-da göz üçin dolandyrýan häkimiýet. Şeýle häkimiýetler "oýnatgy" döwletler hasaplanylýar. Hytaýda we Fransiýada XX asyryň dowamynda şeýle häkimiýetler bolupdy. Häzirki zaman dünýäsinde döwlet häkimýetiniň amala aşyrlyşy üç şaha bölünýär.

1. Kanun çykaryjy häkimiýeti;
2. Ýerine ýetiriji häkimiýeti;
3. Sud häkimiýeti.

Islendik demokratik ýurtlarda şu hili häkimiýetler höküm sürýärler. Dünýaniň iň bir demokratik ýurtlary bolan Günbatar Ýewropa ýurtlarynda bu ýagdaý has hem güýçli. Olar

biri-birinden garaşsyz ýagdaýda işleýärler. ABŞ-da bolsa federal okruk ýerli häkimiýetler bar.

Biziň Türkmenistan ýurdumyzda hem demokratik ýörelgeler esasynda üç häkimiýetlilik düzgüni ýola goýlandyr. Ýurduň baş kanunynyň 1-nji maddasynda ýurduň demokratik, baky Bitaraplylyk ýoly bilen barýandygy we häkimiýetiň üç şaha bölünýändigi aýdylýar. Mundan daşary bizde dünýäde ýeke-täk döwlet hökmünde Halk maslahaty bar. Ol mydama hereket edýär. Onuň çykaran kararlary, kanunlary iň ýokary hukuk güýje eýe bolan resminamalardyr. Ýurtda şeýle syýasy guramanyň hereket etmegi bolsa gös-göni ýagdaýda demokratiýanyň dabaralanmagyny aňladýar.

Her bir öşüşleriň, yza tesişleriň ahyrsynda syýasy wakalar ýatyr. Häkimiýet baradaky pikirler bolsa ösüp gidip otyr. Adamzat jemgyýeti mydama ösüşde, edil şonuň ýaly onuň ýagny kratologiýa ylmynyň hem ösüşli ýollary bar. Olary gündelik ýagdaýda öwrenmek netije çykarmaklyk döwrüň talap edýän adamsy üçin zerur şertleriň biridir.

## 1Tema: Kratologiýanyň many mazmuny we düşünjesi

Kratologiýa – belläp geçişimiz ýaly häkimiýet baradaky ylymdyr. Ol häkimiýet baradaky ylymlaryň her haýsysynyň, şol ugra degişli ylymlara laýyk many-mazmunyny berişi ýaly, jemgyýetde häkimiýetlik ulgamynyň umumy keşbini hem böleklerini açyp görkezmäge hyzmat edýän möhüm hem düýpli ylym bolmagynda galýar.

Bu ylym häkimiýetiň umumy gurluşy we bölekleri bilen tanyşdyrýar. Şol bir wagtyň özünde-de häkimiýetiň çylşyrymly taraplary-da bolýar. Eger muny çeper dilde aňlatmaly bolsa häkimiýetiň “ýüzi ýyrtyk birnäçe ýüzi bar” ylym hökmünde kratologiýanyň çäklerine şu babatdaky meseläni bütin aýdyňlygy bilen derňemeklik girýär.

Häzirki wagtda adamlaryň hakyky siwilizasiýasyny (siwilizasiýa sözi gadymda latyn dilindäki sözden gelip

çykypdyr we ol gönümel manyda raýat we jemgyýetçilik dili manyny aňladýar. Ylmy garaýyş hökmünde bolsa, ol jemgyýetiň ösüşiniň, maddy we ruhy medeniýetiniň ýeten derejesi barada düýpli düşünjeleri garaýyşlary hem netijeleri özünde jemleýär. Tutuş dünýäde bolsa belli iňlis taryhçysy Arnold Taýnbiniň (1889-1975-nji ýyllar) ýazmagyna görä, dünýäde 20-den gowrak siwilizasiýalar bolupdyr) gurnamakda häkimiýetiň ullakan mümkinçilikleri bolýar. Şol mümkinçilikler gadymy döwürde hem adamlaryň hakyky siwilizasiýasyny kemala getirmekde esasy orna degişlidir. Kratologiýa öz gezeginde şu meselelere-de seredip geçýär. Kratologiýa termini özüniň many hem genetiki taýyndan iki bölege bölünýär.

1. Kratos;

2. Logos.

Bularyň birinjisi häkimiýet diýmeklik bolsa, ikinjisi ylym diýen manyda düşünilýär. Diýmek gadymy grek dilindäki sözler bolan Kratos we logos bileleşip kratologiýa formasyna geçipdir. Hem-de ol häkimiýet baradaky ylym diýmekdir. Umumy kratologiýa özüniň iki sany alamaty boýunça adamzadyň dünýäsinde häkimýetiň we häkimýetliligiň umumy keşbini açyp görkezýän häkimýet filosofiýasyna meňzedilip bilner:

1. Özüniň derejesi öwrenýän obýektleri bilen bagly wezipesi boýunça.

2. Özüniň ylymda, jemgyýetde tutýan orny boýunça.

Kratologiýa häkimýet, ony dürli görnüşliligiň adatdan daşary çylşyrymly kanunlaryň özboluşly we käteler ýygy-ýygydan ösüş dinamikasyna eýerýän hem dartgynlylyga düşýän häkimiýetlilik bilen baglanyşykly işler bilen iş salyşýar. Kratologiýanyň öňünde duran şu dünýäde onuň ähli görnüşlerinde, hereketlerinde we bilimiň hem hereketiň ähli böleklerinde oňa goşulyşýan häkimiýet dur.

Obýekti häkimiýet bolan kratologiýa häkimiýet baradaky ylymy häzirki zaman gumanitar ylymlaryň

möhümleriniň biri hökmünde emele getirmegiň, düzgünleşdirmegiň zerurlygy barada esasy mesele boýunça umumy prinsipial planda kesgitlenilip we kratologiýanyň halkara atlandyrylyşynyň ähmiýetini düýp manysyny anyklaşdyryp, teoretiki – metadologiki nukdaý-nazardan has düýpli seredýän we bu ylmy hemme taraplaýyn derňäp dogry bahalandyrmalydyr.

Hakykat ýüzünde bizi häkimiýete barýan hemme taraplaýyn çemeleşmäni hemme zatlary gurşap alỳan, ulgamlaýyn, toplumlaýyn, Integrallaýn çemeleşmäni görmezligimiz asla mümkin däl. Üstesine-de, edil häkimýetiň bolşy ýaly, bu fenominiň birnäçe sypatlary bolýar.

1. Adatdan daşary baý mazmunly.

2. Hadysalaryň köp görnüşliligi.

Şonuň üçin bu meseläni häkimiýet baradaky ylymlaryň giň toparynda we ol ylymlaryň ulgamynda tutuş toplumlylygy, baglanşyklylygy bilen seretmelidir. Bu meselä başlangyç umumy çözgüdi bermeklik bilen häkimiýet baradaky bilimleriň özbaşdak pudaklaryny we bölümlerini düzýän ugurlaryň biygtyýar baglanşyklylygyny häkimiýet baradaky ylymlaryň umumy ulgamyny ýeke-täk umumy toplumyny düzýändigini şöhlelendirip hem seljermeklik bilen derňäp bilýäris.

Hut şeýle çemeleşmäni özü-de bu ylmy bölümleri boýunça ýygnamaklygy aýratyn ylymlardaky bölekleýin maglumatlardan ýönekeý “şekil” ýasamaga iteklemeýär-de, tersine biziň döwrümiziň gözi bilen seredip, akýüreklilik bilen täzeden kratologiýanyň ýeke-täk umumy durkuny kemala getirmäge hem-de ony adamlara zerur we peýdaly ylymlaryň bütewi toplumynda ony hukuk, taryh, sosiologioýa, filosofiýa, ykdysadyýet, medeniyeti öwreniş, psihalogiýa bilen bir hatarda goýmaga çagyrýar.

Häkimiýetiň sypatlary diýip onuň aýratynlyklaryna diýilýär. Dürli döwletlerde, dürli taryhy tapgyrlarda dürli häkimiýetler bolýar. Häkimiýetiň many-mazmunyny

çuňlaşdyrýarlar, hem-de häkimiýete manyly häsiýetnamany berýärler.

Häkimiýetiň sypatlary diýlende, onda şol häkimiýetiň ulanylýanlygy barada onuň obýektlere berýän täsiri barada onuň işjeňligi we netijeleri esasynda ýüze çykýan häkimiýetiň alamatlaryna aýdylýar. Häkimiýetiň sypatlary diýlip aşakdakylar görkezilýär.

1. Jemgyýet we döwlet durmuşynda hukuk tertipleriniň gurluşy.

2. Häkimiýetiň dürli derejeleriniň biri-biri we raýatlar bilen gatnaşygynyň häsiýeti, düzgüniň häsiýeti.

3. Raýatyň we häkimiýetiň jogapkärçiliginiň we barlagda durýanlygynyň häsiýeti.

Her bir ylymda bolşy ýaly özüniň predmetiki we obýektiniň nämedigini kesgitlemeklik hem anyklamaklyk möhüm zatlaryň biri bolup durýar. Gürrüň bu ýerde hut şu ylym bilen gatnaşygy bolan obýektiw hakykatdaky anyk sferany kesgitlemeklik barada barýar. Şunda özüniň ylym hökmünde ýaşaýandygynyň hatyrasyna özüniň tagallalaryny çözülmekligine bagyşlanýan daşymyzy gurşap alan dünýäniň her bir hadysasynyň we kanuna laýyklyklarynyň toparyny kesgitlemeklik hem zerurdyr.

Eger biraz gysga sözlerde aýtmaly bolanlygynda kratologiýanyň obýekti öňi bilen döwlet häkimiýetidir. Onuň başga köp sanly we dürli görnüşli formalarydyr, sferalarydyr hem-de hereketleri hadysalarydyr. Başgaça aýtmaly bolsa, häkimiýet fenomeni özüniň ähli dürli görnüşleri bilen kratologiýanyň, onuň köp sanly pudaklarynyň we bölümleriniň obýekti bolup durýar.

Umumy kratologiýanyň öz maksatlary-da bolýar. Ol öňi bilen kratologiýanyň umumy strukturasyny häsiýetlendirýär, galyberse-de şu aşakdaky ýaly ýagdaýlar kratologiýanyň esasy maksatlarynyň biridir:

1. Häkimiýet baradaky ylymlaryň umumy ulgamyny häsiýetlendirmek.

2. Dürli görnüşli, dürli sypatly, dürli formaly häkimiýetliligiň ýagdaýyny olaryň özara täsirini häsiýetlendirmek.

3. Şol hili häkimiýetlekriň predmetlerini borçlaryny wezipelerini kesgitlemeklik.

Umumy kratologiýa bu häkimiýet barada umumy tertipleşdirilen göz öňüne getirmeleriň sistemasy, bu ylym häkimiýetiň umumy gurluşyny onuň köp dürlüligini onuň jemgyýetiniň siwilizlenen durmuşyny gurmak üçin uly mümkinçilikleriniň bardygyny görkezýär. Umumy kratologiýany özüniň ähmiýeti boýunça häkimiýetiň filosofiýasy bilen deňeşdirip bolar. Ýokarda agzalanlardan başga-da umumy kratologiýanyň maksady diýip şulary bellemek bolar.

1.Kratologiýanyň umumy strukturasyny häsiýetlendirmek.

2. Häkimiýetiň dürli görnüşleriniň kratologiýanyň ylmy sistemasynda öz ýerlerini tapyp berýär, olaryň biri-biri bilen gatnaşyklaryny görkezýär, häkimiýetleriň wezipelerini, predmetlerini, many-mazmunyny görkezýär.

Umumy kratologiýa hemme häkimiýetlere degişli bolan anyk soraglara jogabyny berip bilmeýär. Ol diňe umumy häsiýetnamasyny görkezýär. Umumy kratologiýany hemme zady çözüp bilmeýändigini-de bellemelidir. Ol öz öňünde häkimiýet barada anyk meselelere anyk jogap bermek we häkimiýet baradaky soraglary goýmak maksadyny goýmaýar, goýup-da bilmez. Edil şeýle ýagdaýy özüniň çäklerinde umumy biologiýa, umumy fizika, umumy himiýa hat-da umumy taryh hem amala aşyrýar. Şulardan ugur alynsa, umumy kratologiýada biz ol ýa-da beýleki anyk häkimiýet wakalaryny we häkimiýet kürsüsinde oturan şahsy, bütin aýdyňlygy bilen häsiýetlendirmek wezipesini öz öňümizde goýup bilmeris.

Kratologiýanyň maksatlary her bir amala aşyrylan hereket barada düýpli netije çykarmaklyk bolup durýar. Her

näme-de bolsa, onuň maksatlaryny şu aşakdaky tertipde görkezip bolar:

1. Häkimiýetiň ähmiýetini düýp-mazmunyny, tebigatyny, düzümini anyklamak we ony ulanmagyň mümkinçiligini aýdyňlaşdyrmaklyk.

2. Hakyky ýa-da “perdäniň aňyrsyndan” hereket edýän subýektleri, obýektleri olaryň pikirlerini, hasaplaryny özara gatnaşyklaryny obýektleriň we subýektleriň güýjüniň kuwwatlylygyny täsirini hakyky durmuş sredasyna adamlara emele gelen ýagdaýlara nähili derejede peýdaly netijeli täsir edip biljekdigi baradaky meseläni kesgitlemeklik.

3. Anyk hadysalaryň, güýçleriň, prosesleriň, hereketleriň, ösüş meýilleriniň prinsiplerini, kanunalaýyklyklaryny gözegçilige alynmagyny, olaryň mälim ýagdaýdaky transformasiýasyny kem-kemden özgermesini basgançaklaryny, ahyrky tamamlanşyny kesgitlemeklik.

4. Içerki we daşarky ýagdaýlaryň bolup geçýän özgermelere edýän täsiriniň, çärelerini, ölçeglerini, derejesini, göwrümini, olaryň çalşyrylmaklygyň we ugrukdyrylmagynyň mümkinçiliklerini öwrenmeklik.

5. Häkimiýetiň hakyky ýagdaýyny we ol baradaky ylymy, hakyky bar bolan maglumatlary sagdyn özüňi ýitirmezden doly we dogry bahalandyrmaklyk.

6. Şonda mümkin bolan ýa-da bolan ýalňýşlyklary, hasaplary bolan çagyrmalary, bahanalary ýaramaz hereketleri we pikirleri hasaba almaklyk.

Munuň özi ýöne ýerden däldir. Sebäbi näme diýlen-de, häkimýetiň özi işjeň hereketleriň sferasy ýa-da meýdany, ahyry üstesine-de köplenç ýagdaýda, bu ýerde rehimsizlik bilen alnyp barylýan göreşler hem turýar.

Ylym hökmünde kemala gelen kratologiýanyň iş salyşýan adamsynyň hem aýratynlyklary bolýar. Ol aýratynlyklar häkimýet, häkimýetliklik, häkimýet baradaky ylym anyk şahsyýetler bu ylymyň anyk wekillerine-de

mahsusdyr. Bulara mahsus bolan aýratynlyklary Şu hili tertipde görkezip bolar:

– hünärine profesionallygy;

– garaýyşlarynyň göwrümliligi;

– gözýetimininiň giňligi;

– baha berişiniň berkligi we obýektiwligi;

– barlaglarynyň mazmunynyň baýlygy we geçirilen barlaglarda gelnen netijeleriň anyklygy;

– teoriýa bilen praktiki işleriň zerur özara baglanşyklylygyny gurnamagy başarmagy;

– häkimiýet bilen bagly meseleleriň emele getirýän hereketlerine hakyky düýp esasly çuň ýagdaýda şöhlelendirip bilmekligi;

– bu babatda ylmy taýdan düşündiriş berip bilmeklik.

Başgaça aýdylanda munuň özi informasion maglumatlar almak, toplamak, seljermek we ony dogry ulanmaklyk diýmekdir. Şu hili bolmaklygynyň özi belli bir dereje-de adamynyň ol ýa-da başga häkimýete ýa-da häkimýetlilige degişlilikde özüniň betnebis bähbitlerine garaşsyz ýagdaýda gözlegler alyp barmagy we netijeleri çykarmagy talap edýär.

Asyrlaryň dowamynda şeýle garaşsyzlyk bolmandy diýen ýaly netije-de häkimýet baradaky ylymlaryň düşündirişinde “sen we gara tegmiller” emele geldi. Diňe jemgyýetiň durmuşynyň tizlik bilen demokratiýalaşmaklygy netijesinde bu päsgelçilik ýuwaş-ýuwaşdan aýrylýar we häkimiýetiň ylmy garaýyşlaryny kesgitlemeklik ýolunda “arassaçylyk” emele gelýär.

Biziň döwrümizde XX-XXI asyrlaryň sepgidinde döwletleriň we halklaryň arasyndaky gatnaşyklar we arabaglanşyklar halkara derejesine çykyp başlaýar. Bu bolsa kratologiýanyň hem halkara häsiýetine eýe bolmagyna getirdi. Kratologiýa dürli döwletleriň we halklaryň tejribesini umumylaşdyrmaga seljermäge pikirlenişi arkaly üstüni ýetirmäge mejbur boldy. Ylym hökmünde ol dünýäniň

gazananlaryny ideýa hökmünde peýdalanýar we olara dürli bilimleri hem-de ideýa pikirleri goşýar.

Häzirki zaman dünýäsinde “häkimýet aşhanasy” diýlen düşünjeler-de bar. Meselem, häkimiýetiň fransuz, ýapon, hytaý ýa-da ýene birnäçe şular ýaly “aşhanalary” bar. Dürli halklardaky şu hili dürli-dürliligiň ornuna umumy we bir-birine meňzeş aşhanalar bolsa örän gowy bolardy.

Biziň döwrümizň ähli kynçylyklarynda, hut şu döwürde halkara gatnaşyklarynyň BMG-nyň (bu halkara guramasy 1945-nji ýylyň Gurbansoltan aýynyň 24-ne döredildi), onuň ýöriteleşdirilen guramalarynyň (YUNESKO, halkara sudy, howpsuzlyk soweti, YUNISEF) we hökümetde daşary dürli görnüşli guramalaryň işiniň ösýän mahalynda kratologiýa we onuň bilen iş salyşýan adamlar üçin barlaglary geçirmäge, ideýalary we garaýyşlary ýönekeý dilde düşündirmäge we ýaýratmaga häzirki zaman demokratik kratologik pikirlenşi işläp düzmeklik üçin giň mümkinçilikler peýda boldy. Kratologiýanyň wezipeleri-de dürli-dürlidir. Has-da görnüp duranlarynyň hatarynda aşakdakylary görkezip bolar hem-de olar özleriniň aýdyňlylygy bilen aýratyn düşündirişi talap etmeýärler:

– aňlaýjylyk;
– informasion – habar berijilik;
– ylmy çaklamalary bermeklik;
– öwrenmeklik we öwretmeklik;
– terbiýelemeklik;
– sazlamaklyk.

Kratologiýanyň ulanýan metodlary (usullary) hem edil beýleki jemgyýetçilik, sosial ylymlaryň ulanýan usullary ýalydyr. Şu günki güne çenli bolsa jemgyýetçilik ylymlarynda giňden ulanylýan metodlar hökmünde şu usullar hereket edýär:

1. Maglumatlary ýygnamaklyk;
2. Synlamaklyk;
3. Resminamalary seljermek;
4. Sorag-jogap resminamalaryny öwrenmek;

5. söhbetdeşlik guramak;
6. Barlaglary geçirmek.
7. Ylmy-çaklaýyş işlerini geçirmeklik;
8. Arhiwlerde gözleg işlerini alyp barmaklyk.

Eger-de gürrüň häkimiýet baradaky ylym barada barman, hut häkimiýetiň özi barasynda barýan mahalynda munuň özi başgaça gürrüň. Şeýle ýagdaýda her hili metodlar arkaly özüni gyzyklandyrýan soraglara jogap almaklykdan hem ýüz döndürmän bolar. Meselem, hökümdaryň sany näçe, olar näçe wagt oturypdyr, olaryň usullary nähili we näçe mukdarda bolupdyr diýen ýaly soraglary hem bermeklik bolar.

Her hili ýagdaý bolanda-da häkimiýet tejribesi gürrüňsiz, özüniň peýda bolmagy bilen has gyzykly we öwüşginli, bu ýagdaý häkimiýet teoriýasynyň "ýürek gysgançlygy" bilen deňeşdirilende aýdyň göze ilýär. Aleksandr Makedonskini (bu meşhur serkerde b.e. öňki 356-323-nji ýyllarda ýaşap geçipdir we dünýäniň köp ýerlerini basyp alypdyr. Ol häkimiýeti jany-teni bilen söýendigini bir mysalyň üsti bilen ýagny ölüm ýassygynda ýatyrka "Kratos" – häkimýet diýip jan bermegi netijesinde hem görmek bolýar.), Ýuliý Sezary (ol belli Rim serkerdesi bolup b.e. öňki 102-100-nji ýyllar aralygynda doglup b.e. öňki 44-nji ýyllarda aradan çykypdyr. Ol güýçli syýasatçy bolup, häkimiýeti jany-teni bilen söýüpdir), Pýotr I, Nikolaý I ýatlamaklyk bolar.

Kratologiýanyň giňişleýin düşnükli kategorial apparaty bar. Öňi bilen onuň birnäçe düşünjeleriniň filosofiýa, hukuk, syýasaty öwreniş, sosiologiýa ýaly jemgyýetçilik ylymlary bilen umulyklarynyň bardygyny bellemelidir.

Kratologiýa özbaşdak ylym hökmünde kemala gelmezinden ozal onuň birnäçe düşünjeleri filosofiki, syýasaty öwreniş we hukuk öwreniş ylmynyň düşünjeleri hökmünde görlüpdir we şol esasda ýaýrapdyr. Emma bu öňi bilen häkimiýetiň özi, onuň modifikasiýasynyň we ýüze çykmasynyň dürli görnüşliligi şu äheňdäki tejribe gelejekde hem işjeň ulanylar. Eger hakykatdan-da kratologiýany döretjek bolsak,

elbet-de oňa degişli we laýyk gelýän kategorýal apparaty saýlap almaly, toplamaly, toparlara bölüşdirmeli, şu ýagdaýda häkimiýet teoriýasy baradaky kategorýany iş ýüzünde häkimiýet sferasyndaky we jemgyýetçilik – syýasy durmuşdaky hadysalaryň we prosesleriň umumy durkuny we arabaglanşyklylygyny aňladýan esasy ylmy düşünje diýip düşündirip bolar.

Kratologiýa sözlükde ol ýa-da beýleki diliň häkimiýetiň sferasyna degişli sözleri dolulygyna görkezilendir. Onuň dürli pudaklarynda we böleklerinde 5 müň töweregi düşünjeler, terminler, kategorýalar, durnukly söz düzümleri bolup, olar häkimiýet tejribesiniň köp taraplylygyny we köp asyrlara uzaýan taryhyny açyp görkezýär.

## 2Tema: Kratologiýa ylmynyň gurluşy (strukturasy)

Nazary we tejribe taýdan alnanda kratologiýanyň düzüminiň dürli pudaklara bölünmekligi zerurdyr. Elbet-de şol bir wagtyň özünde bu mydama özüminiň gündelik iş tejribämizde, hususanda syýasaty öwreniş ylmynda käbir zatlary ulanýarys. Meselem, deňeşdirmek politologiýasy, harby politologiýasy, sosial politologiýasy, syýasy pelsepe, syýasy medeniýet.

Umuman alnanda, ylymlaryň bölünmeginde şu alamatlar zerur:

1. Fundamental – bazalaýyn. Bu hili häsiýet ylmyň düýbüni tutujylyk, başlangyç, hünär boýunça gözbaş alyjylygy ýaly pudaklary we bölümleri göz öňünde tutýar.

2. Ýöriteleşdirilen pudaklar we bölümler. Munda bölünişik hut öz ugry boýunça we ýörite bir ugry boýunça bölünýär.

3. Toplumlaýyn pudaklar we bölümler. Munda garşylyklylyk düzgün-nyzam aralygy, özboluşly wedomostara boýunça bölünmeklik mahsus.

Şu ylmy bölünişik ýagdaýy sözüň doly manysynda kratologiýa ylmy üçin hem mahsusdyr.

Fundamental – bazalaýyn pudaga ilkinji nobatda umumy kratologiýanyň nazary kratologiýany, tejribe kratologiýany we deňeşdirme kratologiýany goşmaklyk bolar. Fundamental pudakdaky kratologiki ylymlarynyň hataryna häkimiýetiň taryhyny we häkimiýetiň pelsepesini hem goşmaklyk bolar. Adamzat jemgyýetinde häkimýetlilik umumy bitewi keşbini düzmäge we suratlandyrmaga borçlanýan umumy Kratologiýanyň aýratyn bölüp almaklygyň sebäbi, ol kratologik ylymlary ulgamlaşdyrmaga degerli çemeleşmeleri hödürlemäge olary öz ara paýlamaga we ulgamlaşdyryjylygy derňemäge borçly bolanlygy üçindir.

Deňeşdirme kratologiýasynyň hem tutýan orny ýokarydyr. Adamzat jemgyýetiniň baý häkimýet tejribesini anyk häsiýetnamalar arkaly öňe çykarmaga we ulgamlaşdyrmaga zerur bolan, borjy şuňa esaslanýan bu ugur şol baý tejribeden adamlaryň täze bir nesliniň peýdalanmagy üçin mümkin bolan sapaklary we netijeleri bermäge borçlanýar. Kratologiýanyň ýörite pudakllary we bölümleri häkimýet hem häkimýetler barada anyk käte ýüzleýräk ýöriteleşdirilen ýa-da hünäri boýunça aýratynlaşyrylan häkimiýet bölümleri barada maglumatlary bir ýere jemleýän maglumatlar barada bilimleriň giňişleýin toparyny birleşdirýär we ulgamlaşdyrýar. Olaryň hataryna şulary goşup bolar:

– akademiki kratologiýasyny;

–empiriki (tejribäni bilmekligiň ýeke-täk çeşmesi hasaplanýan, ylmy jemgyýetleri, pikirlenmänei inkär edýän pelsepewi akym) kratologiýasyny;

– prikladnoý kratologiýasyny;

– ekspremental – tejribeleýin kratologiýasyny;

– ýazmaça kratologiýasyny;

– partiýalaýyn kratologiýasyny;

– harby kratologiýasyny;

– hususy kratologiýasyny;

– gapma-garşy durýan toparlaryň, hereketleriň kratologiýasyny (olaryň häkimiýet barada özboluşly garaýyşlary bar);

– ybadathana kratologiýasyny.

Kratologiýanyň strukturalaýyn düzümi barada aýdylanada onuň häsiýetleri boýunça toparlara bölünmelerinde düzgün-nyzam aralygyndaky bölümleri we pudaklary hakda-da durup geçmelidir. Olary şu hili toparlara bölýärler:

– häkimýetiň taryhy;

– häkimýetiň sosiologiýasy;

– häkimýetiň psihologiýasy;

– häkimýetiň pelsepesi;

– häkimýetiň logikasy (paýhasy onuň ösüşi diýen manyda).

– häkimýetiň etikasy;

– häkimýetiň estetikasy (I. Kantyň aýdyşy ýaly ýagşy ahlaklygyň simwoly);

– häkimýetiň anatomiýasy;

– häkimýetiň algebrasy;

– häkimýetiň fizikasy;

– häkimýetiň ekologiýasy.

Häkimiýet baradaky ylymlaryň şu toplumynyň degişli ugurlary boýunça bilimleriň toplanylmagyny talap edýänligi öz-özünden düşnüklidir. Kratologiýadaky bilimleriň şu hili ulgamlaşdyrylmagy adamzat häsiýetiniň we jemgyýetiniň özboluşlylygyndan gelip çykýan ýagny kemala gelýän adam babatda göz öňünde tutulyp şoňa laýyklykda bölünmelidir. Biziň ýokarda sanan bölümlerimiziň kanuny ýagdaýda özüniň häsiýetli alamatlary boýunça-da 4 sany uly toparlara bölmeklik mümkin:

1. Häkimiýet baradaky bilimleriň ynsanperwer – aňladyş bölümi. Oňa şular degişli:

– häkimiýetiň taryhy;

– häkimiýetiň pelsepesi;

– häkimiýetiň sosiologiýasy;

– häkimiýetiň harplygy;
– häkimiýetiň oksiologiýasy;
– häkimiýetiň gurluşy.

2. Häkimiýet baradaky bilimleriň tebigat ylmy bölümi. Oňa şular degişli:
– häkimiýetiň algebrasy;
– häkimiýetiň arifmetikasy;
– häkimiýetiň geometriýasy;
– häkimiýetiň geografiýasy;
– häkimiýetiň fizikasy;

3. Häkimiýet baradaky bilimleriň bilimleriň biologiki bölünmesi. Oňa şular degişli:
– häkimiýetiň anatomiýasy;
– häkimiýetiň psihologiýasy;
– häkimiýetiň fiziologiýasy;

4. Häkimiýet baradaky bilimleriň tehniki we tehnologiki bölünmesi. Oňa şular degişli:
– häkimiýetiň tehnologiýasy;
– häkimiýetiň tehnikasy;
– häkimiýetiň informatikasy;

Jemgyýetde häzirki wagtda häkimiýetiň täze we barha täze görnüşleri kemala gelýär. Edil şonuň bilen birlikde-de häkimiýet baradaky bilimleriň degişli ol ýa-da beýleki bölümleriniň döremegi hem ösmegi üçin hem deslapky şertler we mümkinçilikler emele gelýärler.

1. Kartologiýanyň bazalaýyn ýagny düýbüni tutujy, binýatlaýyn bölümleri.
– umumy kratologiýa;
– tejribeleýin kratologiýa;
– nazary kratologiýa;
– deňeşdirme kratologiýasy.

2. Kartologiýanyň ýöriteleşdirilen hususy, anyk bölümleri hökmünde şular hödürlenýär:
1. Kanun çykaryjy bölümi;
2. Ýerine ýetiriji bölümi;

3. Sud häkimiýeti bölümi;
4. Gözegçilik bölümi;
5. Global ýa-da umumy hemmä degişli bölümi;
6. Halkara bölümi;
7. Hemme taraplaýyn bölümi;
8. Milli bölümi;
9. Munisipial (öz özüňi dolandyryjy ýerli organlar diýen manyda) bölümi;
10. Akademiki bölümi;
11. Analitiki bölümi;
12. Ulgamlaýyn bölümi;
13. Koperatiw bölümi;
14. Tejribeleýin bölümi;
15. Tejribä esaslanýan we ylmy pikirlenmäni inkär edýän bölümi;
16. Tejribe synag – geçirmäge ýykgyn edýän bölümi;
17. Çaklama bölümi;
18. Düzüm struktura bölümi;
19. Wezipeleýin bölümi;
20. Kömekçi bölümi;
21. Kada bölümi;
22. Ýazgylaýyn bölümi;
23. Anyk elementar bölümi;
24. Formal "göz üçin" bölümi;
25. Ykdysady bölümi;
26. Sosial durmuş bölümi;
27. Harby bölümi;
28. Gapma-garşylyklaýyn hereket bölümi;
29. Ybadathana dessury bölümi;
30. Statistika maglumatlaýyn bölümi.

Kratologiýanyň düzgün-nyzam aralygyndaky we garyşyk toplumlaýyn bölümleri:

– häkimiýetiň aksiologiýasy;
– häkimiýetiň akmeologiýasy;
– häkimiýetiň algebrasy;

– häkimiýetiň anatomiýasy (bu ugur 1984-nji ýylda J. Gelbreýt tarapyndan ulanyldyr);

– häkimiýetiň arifmetikasy;

– häkimiýetiň arheologiýasy (1969-njy ýylda M. Fuko tarapyndan ulanylypdyr);

– häkimiýetiň geneologiýasy (bu ugur 1989-njy ýylda W.A. Podoroga tarapyndan ulanylypdyr);

– häkimiýetiň geografiýasy;

– häkimiýetiň geometriýasy;

– häkimiýetiň imidjiologiýasy;

– häkimiýetiň informatikasy;

– häkimiýetiň sungaty;

– häkimiýetiň medeniýetini öwreniş;

– häkimiýetiň logikasy (1993-nji ýylda W.W. Ilin tarapyndan ulanylypdyr);

– häkimiýetiň mikrofizikasy (1989-njy ýylda W.A. Podoroga tarapyndan ulanylypdyr);

– häkimiýetiň morfologiýasy;

– häkimiýetiň antalogiýasy (1989-njy ýylda W.W. Mşweniýeradze tarapyndan ulanylypdyr);

– häkimiýetiň pedagogikasy (pedagogika adamynyň kemala gelmegindäki terbiýäniň toplumydyr);

– häkimiýetiň psihoanalizi (bu ugur 1989-njy ýylda N.S. Awtonomowa tarapyndan ulanyldy we psihoanaliz bu adamynyň öz-özüni barlap durmagydyr. Bu ýerde bolsa ol häkimiýetiň düýpli ýadaýynyň seljerilmegini aňladýar.);

– häkimiýetiň psihologiýasy (bu ugur 1965-nji ýylda R.W. Sempson tarapyndan ulanylypdyr);

– häkimiýetiň sosialogiýasy (1909-njy ýylda Kotlýarowskiý tarapyndan ulanyldy);

– häkimiýetiň tehnologiýasy;

– häkimiýetiň topografiýasy (1993-nji ýylda W.W. Ilin tarapyndan ulanyldy);

– häkimiýetiň fizikasy (1993-nji ýylda Ýu.M. Baturin tarapyndan ualnyldy);

– häkimiýetiň fiziologiýasy (1996-njy ýylda W.D. Topolýanskiý tarapyndan ulanyldy);

– häkimiýetiň fenomenologiýasy (1989-njy ýylda L.G. Ionin tarapyndan ulanyldy);

– häkimiýetiň filologiýasy;

– häkimiýetiň ekologiýasy;

– häkimiýetiň ykdysadyýeti;

– häkimiýetiň estetikasy;

– häkimiýetiň etikasy;

– häkimiýetiň tipologiýasy (1989-njy ýylda W.I. Krawçenko tarapyndan ulanyldy);

Häkimiýet barada ylymlaryň bölümleri hökmünde indiki hödürlenjek bölümler olaryň zerurlygyny we ulanmaklyk mümkinçiligini aňşyrmaga we seljermäge degişliligi bilen tapawutlanýar.

a) Metokratologiýa.

– megakratologiýa;

– makrokratologiýa;

– mezokratologiýa;

– mikrokratologiýa;

– protokratologiýa;

– parakratologiýa;

– polikratologiýa.

b) Häkimýeti öwreniş

– Kratognoziýa;

– Kratografika;

– Kratodinamika;

– Kratokratiýa (bu 1991-nji ýylda A. Fursow tarapyndan ulanyldy);

– Kratolingwistika;

– Kratometriýa;

– Kratonomaiýa;

– Kratosofiýa;

– Kratostatistika;

– Kratoetika;
– Bankokratologiýa;
– Býurokratologiýa;
– Geokratologiýa;
– Gerokratologiýa;
– Demokratologiýa;
– Infokratologiýa;
– Lidiokratologiýa;
– Nookratologiýa;
– Ohlakratologiýa;
– Partokratologiýa;
– Plutokratologiýa;
– Saýensokratologiýa;
– Sosiokratologiýa;
– Tehnokratologiýa;
– Feminokratologiýa;
– Elitokratologiýa;
– Etatokratologiýa;
– Etnokratologiýa;
– Etokratologiýa;
– Ýunokratologiýa;
– Ýurokratologiýa;

Indi bolsa şularyň abiriniň üstünde durup geçmelidir.

Metakratologiýa diýen termini derňesek, meto grek dilindäki söz bolup durýar. Ol soňra, soň onsoň diýen manylary aňladýar. Kratologiýanyň ylmy termin hökmünde bolsa iň giň möçberde ýüze çykýan häkimiýet baradaky lymdyr. Ol häkimiýetiň düzüm bölegini öwrenmeklikde şu aşakdaky hil sypatlaryna daýanýar.

1. häsiýetlerini açyp görkezýär;
2. sypatyny öwrenýar;
3. hilini derňeýär;
4. häsiýet-sypat-hil özara baglanşygynyň usullaryny içgin öwrenýär.

Makrokratologiýa sözünuň aňladýan manysy gadymy grek dilinde uly, giň, uzyn diýen many berýär. Ol häkimiýetiň bir bütewi görnüşde öwrenýär we bütewilikleri emele getirýän düzüm bölekleirniň umumy arabaglanşygynyň usullaryny derňeýär. Döwlet häkimiýeti ýa-da halkara bileşiginiň häkimiýeti makrokratologiýanyň öwrenýän predmetleriniň giňişligine degişlidir. Tersine mikrokratologiýa öwrenilýän obýekti boýunça bölekleýin öwrenilýändigini aňladýar. Meselem ol etrap firma çäklerindäki häkimiýetiniň ýagdaýyny öwrenip biler. Grek dilinde kiçi kiçi manyny aňladýan grek dilinde kiçi diýen manyny aňladýan mikrokratologiýanyň özara laýyklygy şonuň üçindir.

Mezokratologiýa grek sözi bolup uly bilen kiçiniň arasyndaky aralyk diýmekligi aňladýar. Ol makro we mikro kratologiýanyň arasynda duran basgançak bolup häkimiýetiň sosial binasynyň dürli gatlarynda häkimýetiň paýlanşyny we şol häkimýetiň ulanyş usullaryny görkezýär. Makro we mikro kratologiýa häkimiýetin bir tarapyny öwrenýan bolsa, mezokratologiýa şol bir taraplylygyň üstüni doldurýar we häkimýeti hemmetaraplaýyn häsiýetlendirýär.

Protokratologiýa grek dilinde ilkinji diýmekligi aňladýar. Häkimiýetiň döreýiş taryhyny, ýüze çykyş ýagdaýlaryny ilkinji sypatlaryny we häsiýetlerini häkimýet baradaky bilimleriň umumylygyny, olaryň özboluşlylygyny, mümkinçiligini we geljegi barada ylmy netijeleri çykarýar. Ylym hökmünde häkimýetin döremegi bilen tanyşdyrýar.

Polikratologiýa grek dilinde köp, kän diýen manylary aňladýar. Görnüşi ýaly ol häkimýetiň köp ellerde jemlenmegini öwrenýär. Meselem, 1917-1918-nji ýyllarda Russiýada iki häkimýetlilik emele geldi, ol ýagdaý häkimýetleriň hem syýasy ýagdaýyň durnuksyzlygyny görkezýär. Gadymy Gressiýada hem iki häkimýetliklik, üç häkimýetliklik bolupdyr.

1. Dwuumwirat.
2. Triumwiral.

Munuň özi köp partiýalylygy aňladýar. Polikratologiýanyň esasy maksady durnuksyzlyga we deňagramlylyga getirýän ýagdaýlary öwrenmeklik.

Parakratologiýa terminindäki para sözi grekçe ylmyň ýanynda diýmeklik. Adamzat häkimiýete mydama gizlin häsiýet beripdir. 1882-nji ýylda parapsihologiýa döreýär. Emma şu wagta çenli onuň tebigatyny düşündirip bilenoklar. Adam parapsihologiýasynda häkimýet baradaky pikirler örän uly derejäni eýeleýärler. Adamynyň:

– häkimýet aňyny;

– ilkinji aňyny;

– ilkinji hem häkimýet duýgusyny;

– emosiýasyny;

– häkimýeti ele almak üçin “gizlin ylymlary” öwrenýän ylym parakratologiýadyr.

Awtokratizmda dolandyrmak babatda görnüşleriň hem garaýyşlaryň ulgamynyň öz boluşly giň ýaýran taryhy pikirleri bolup, ol görnüşli dolandyryşda häkimiýet çäklendirilmesiz ýagdayda bir adama degişli bolýar. Şunda häkimiýetiň başynda duran adam häkimýeti özüniň subýektiw çäkli, garaýyşlary bähbitleri üçin juda geldi-geçer ýagdaýda ulanýar. Awtokratizm köplenç ýagdaýda häkimiýeti ýaman maksatlar bilen ulanmaklyk bilen utgaşýar we ynsanperwerçilik we demokratiýa bilen bir ýere sygyşmaýar.

Şu hili häkimýetden peýdalanýarlar:

– ýekemen hökümdarlar;

– zalym hökümdarlar;

– şalar;

– imperatorlar;

– patyşalar;

– käbir halatlarda baş sekretarlar.

Awtoritarizm – häsiýeti boýunça demokratiýa garşy bir dolandyryş bolup durýar. Ýöne ol totalitarizmden demokratiýa geçiş döwründe ýagny ikisiniň arasynda ýerleşen syýasy düzgündir. Awtoritarizmde has reaksion garşylykly düzgün

dowam edyär. Düzgün bolşy ýaly bu häkimýet ulgamynda şahsy ýekemenligiň hem alamatlary bolýar. Bu ýagdaýda şahsyň keramatlaşdyrylmagy hem bolup biler. Özüniň ýüze çykmagynyň has gyraky çäklerinde awtoritarizm obsolýut ýagny hakyky ýekemenlige alyp barýar.

Absolýutizm häkimýeti çäklendirilmedik monarhyň hakyky häkimiýetidir. Onda özboluşly döwlet görnüşi kemala gelýär we bu häkimiýetde ýokary häkimiýet çäklendirilmedik monarha degişli bolup durýär. Şunda ol özüniň dolandyrşynda halky kanun çykaryjylyk işinde we ýerine ýetirijilik häkimiýetiň işine gözegçilik etmekde öz gapdalyndan aýyrýar. Absolýutizmiň özüniň ösüş taryhy bar. Özüniň iň bir kuwwatly ösüşini ol XVII-XVIII asyrlarda Günbatar Ýewropa döwletleriniň çäklerine ýetipdir. Russiýada patyşa XVI-XVII asyrlarda Boýarlar dumasy bilen dolandyrypdyr, emma XVIII asyryň ahyrlarynda XIX asyryň başlarynda absolýut monarhiýa häkimýetli döwlet bolup galýardy. Absolýutizm häkimiýetiň belli bir görkezilen görnüşinde saklanyp galan garaýyşlarynyň toplumy diýip hem hasaplap bolar.

Býurokratizm – gazna formal pikirlenmeleriň hereketleriň we dolandyryşlaryň möhüm döwlet we jemgyýetçilik işleriň ulgamy diýip häsiýetlendirilip bilner. Şunda şahsyň ýa-da edaranyň işe emeldarlarça çemeleşmeginiň netijesinde adamlaryň bähbitleri kemsidilýär, hakykat ýüzünde bolsa jebir çekmeli bolýar. Bu ýagdaý esasan ýerlerde duşýar. Emma kanselýariýa hapa-harsallyk, formalizm häkimýetiniň peyda bolan mahalynda döreýän we fiziki hem ýuridiki taraplaryň (fiziki taraplar raýatlar bolup durýan bolsa, ýuridiki taraplar kanun esasynda döwletiň garamagynda duran edaralar, kärhanalar, kä halatlarda raýatlar) bähbitleri kemsidilýär, hat-da ol ýa-da beýleki edaralaryň umumylykda alnanda jemgyýetiň bähbitleri kemsidilýär.

Demokratizm – demokratiýanyň ykrar edilmegi we hereket etmegidir. Sözün genetiki tarapyna seredeniňde bu söz gadymy grek dilindäki sözlerden kemala gelipdir:

1. Demos – halk;

2. Kratos – häkimiýet.

Munuň özi sözüň emele geliş manylaryndan aňlanylyşy ýaly häkimiýetiň çeşmesi bolup halk çykyş edýär. Demokratizmde halk hemme işlere gatnaşýar we dolandyrylyşa we ýerine ýetirilişe gözegçiligi amala aşyrylýar. Häkimiýetiň möhüm ugry demokratizmde häkimýetiň halkyň bähbidine tarap ulanylmagydyr. Halk bilen häkimýetiň gatnaşyklarynda ýönekeýlik we umulyk bileleşmeklik ýaly ýagdaýlar demokratizmiň möhüm alamatlarynyň biridir.

Totalitarizm – döwletiň raýatlarynyň durmuşynyň ähli taraplarynyň üstünden gözegçilik amala aşyrylýar:

1. Hemmeler üçin umymy gözegçilik.

2. Doly ýagny durmuşyň ähli sferalarynyň üstünden gözegçilik.

Bu häkimýet dolandyryşynda Konstitusion hukuklar we azatlyklar dolulygyna hakykat ýüzünde yoga çykarylýar we gapma-garşylykly tarapda durup, başgaça pikir ýöredýänler yzarlanylýar we jezalandyrylýar. Totalitarizme totalitar hereketleri, şol sanda etatizm awtoritarizm – jemgyýeti pikiriniň gönükdirilen ugrunyň bir ugry bolup durýar. Ol ugurda döwlet jemgyýetçilik ösüşinde ýokarky maksat we netije hasaplanylýar. Syýasat munda döwletiň ykdysadyýetine we ykdysady durmuşyna juda işjeň ýagdaýda gatnaşýar. Häkimýet, onuň tebigaty we ulanylyşy baradaky düşünjeleriň hem hadysalaryň şu möhüm bölegine Gadymy Rimde dikdatura hakynda kemala gelen we asyrlaryň jümmüşinden gelip ýeten köp babatda durmuş tarapyndan tassyklanan we üsti ýetirilen garaýyşlar hem degişli bolmagynda galýar. Ýokarda getirilen pikir aňlamalaryň jemi hem umumylykda alnanda häkimýet baradaky ylmyň düzümini häsiýetlendirýän bilimleriň ulgamynyň kemala gelendigini aýtmaga mümkinçilikleri berýär. Bilimleriuň şu bümini umumylykda kratologiýa diýip aýdýarys. Şeýlelikde häzirki wagtda hut şeýle zady etmelidigi düşüniklidir. Ol edilmeli zat kratologiýany emele getirmek,

häkimýewt baradaky bilmleriň ulgamyny alamatlaryny böleklerini düzmeklik onda nähili alamatlaryň esaslaryň arabaglanşyklaryň bolmalydygy baradaky meseleler bilen baglanşyklydyr. Onuň ösüşiniň meselelerini düşündirmeklik üçin hem kratologiýany düýpli esaslandyrmalara alyp barmaly. Gelejekde kratologiýanyň öňünde nähili meseleleriň durjagy baradaky gürrün hem gyzyklydyr, Ýokarda beýan edilenlerden gelip çykýan netijeler şulardan ybaratdyr:

1. Kratologiýa diňe bir ylym bolup durmaýar.
2. Kratologiýany ylymlaryň ulgamy hökmüde göz öňüne getirmeli.

Giňişleýin ylmy ulgam bolup duran kratologiýa özara berk baglanşygy bar, we häkimýeti onuň ähli görnüşlerinde we ýüze çykmasynda öwrenýär. Ol mundan başga-da häkimýetiň ähli derejelerini ösüşini, ähli basgançaklaryny we beýleki jemgyýetçilik hadysalary, düzümleri we sosial institutlar bilen baglanyşyklygyna ähli nukdaýnazaryndan öwrenýär. Kratologiýanyň merkezinde iki sany zat durýar.

1. Adam;
2. Häkimýet.

Munuň öz iilkinji nobatda kratologiýanyň, aýratyn-da umumy kratologiýanyň, bazalaýyn pudaklarynyň bähbitleriniň möhüm welaýatydyr. Olaryň üsti häkimýet baradaky ylymlaryň ulgamynyň häsiýetlerini kratologiýanyň pudaklarynyň we bölümleriniň bilimleriniň ähli jemini açyp bolýar. Hakykat ýüzünde bular köp wagtlap zerur bolan ünse sezewar bolmadylar we tejribäniň we nazaryýetiň garaýyş meýdanyndan düşüp galypdy.

## 3Tema: Kratologiýanyň düzümi we onuň dersi hem-de obýekt funksiýalary

Häkimiýetlik – fundamental, masştab, köp planly hadyslaryň biridir. Bu örän ajaýyp, unikal sosial-medeni fenomendir.

Kratologiýa iň bir wajyp, jemgyýetçilik (gumanitar) ylym bolup häkimiýetlik kanunlaýyklaryny, olaryň gelip çykyşyny, funksionirlenişini we ösüşini, häkimiýetleriň tiplerini we görnüşlerini, subýektler, obýektler, göterjiler, formalar, funksiýalar, meseleler, mehanizmler, normalar, prinsipler, häkimiýeti bölmäniň aýratynlyklary, häkimiýetiň durmuşyň beýleki sferalary bilen özara täsiri we dürli jynsly häkimiýetlikleriň, hem-de daşary ýurtlardaky häkimlikler bilen gatnaşyklary öwrenýär.

- Kratologiýanyň obýekti bolup jemgyýetdäki döwlet (syýasy) we beýleki häkimlikleriň görnüşleri, olaryň dürli hadysalary, ýüze çykmalary, ösüş ýollary we geljegi bolup durýar.
- Häkimlik sferasynyň, hadysalarynyň, görnüşleriniň, formalaryň, subýektiw mümkinçilikleriniň, tendensiýalarynyň, perspektiwalaryň, kanunalaýyklyklary ders bolup hyzmat edýär.

*Kratologiýanyň funksiýalary we usullary.*

- Kratologiýanyň esasy funksiýalary bolup öwrenmeklik, regulýatiwlik, çaklamaklyk, öwrediji, terbiýeleýji we başgalar.
- Kratologiýanyň usullary beýleki gumanitar ylymlarda boluşy ýalydyr, ýagny, kratologiki maglumatlary toplamak, gözegçilik etmek, resminamalary derňemek, anketalaýyn we ekspress sorag-jogap geçirmek, analitiki barlaglary we çaklama serişdeleri ulanmak.

*Kratologiýanyň düzümi, häkimiýetlik barada ylymlar ulgamy hököminde.*

Kratologiýa sferasyna iň golaý sfera hukuk, hukuk öwreniş we syýasaty öwrenişdir. Kratologiýanyň düzüminde häkimiýetligi öwrenmekligiň üç sferasyny saýlaýarlar:

1) Bazalaýyn pudaklar (fundamental, umumy).
2) Ýörite (anyk).
3) Kompleksleýin (dersler arasyndaky, garyşyk).

1. Bazalaýyn, bütewi şekili berýänlere aşakdakylar girýär:
   - umumy kratologiýa
   - nazary kratologiýa
   - tejribeleýin kratologiýa
   - deňişderilýän kratologiýa
   - amaly kratologiýa
   - empiriki kratologiýa

➢ Umumy kratologiýanyň meselesi häzirki bar bolan häkimligiň umumy ulgamdaky ylmy we doly beýanyndan ybarat.

➢ Nazary kratologiýa - häkimlik barada ylymyň pudagy bolup häkimligiň problemalaryny, häkimligi häkimlige düşünmekligiň çeşmeleýin soraglaryny, nazary barlaglary öwrenýär.

➢ Tejribeleýin kratologiýa anyk häkimlik etmekligiň hakyky tejribesini öwrenýär. Şonlukda obýektiw faktorlary bilen bilelikde anyk şahsyýetiniň mümkinçiligi bilen baglanşykly subýektiw faktorlar göz öňünde tutýar.

➢ Deňeşdirme kratologiýasy häkimlik barada ylmyň wajyp pudaklarynyň biri bolup häkimligiň dürli ulgamlaryny fundamental barlaýar:

a) geçen we häzirki döwüri
b) häzirki dürli döwletleriň
w) häkimlik barada dürli nazaryýetler.

➢ Amaly kratologiýa – kratologiýanyň sosial – praktiki mümkinçiliklerini, dolandyrmanyň ugurlaryny öwrenýän ylymdyr. Onuň wajyp funksiýasy häkimligiň praktiki meselelerini çözmeklik ylmy ýollaryny kesgitlemekden ybaratdyr.

Kratologiýanyň ýörite pudaklary:

1) Harby kratologiýa;

- kratologiýanyň ýörite pudaklarynyň wajyplarynyň biri bolup jemgyýetiň harby häkimliginiň funksiýalaryny, meselelerini, rolyny, ornuny barlaýar, döwletiň goranmak ukubyny we mümkin bolan uruşlara taýýarlanmagyny üpjün edýär.

2) Kömekçi kratologiýa;

- bilimler oblasty bolup häkimiýetligiň problemalaryny, anyk soraglary, häkimiýetligiň kesgitli taraplary, kanun çykanda oblastynyň formalary we mazmuny, administratiw işiň resminamalaryny, geraldiki simwollary we başgalary öwrenýär.

3) Struktur kratologiýa – häkimiýetligiň strukturalary, ony düzýän elementler (organlar), guramalar, olaryň funksiýalary, çäklenmeleri, jogapkärçiligi kesgitleýär.

4) Funksional kratologiýa – häkimlik barada bilimleriň ýörite pudagy bolup, ol häkimliginiň dürli ýagdaýlaryny, sferalaryny we ýüze çykyş görnüşlerini, olaryň klassifikasiýasyny öwrenýär.

5) Hususy kratologiýa – häkimiýetligiň gurluşynyň anyk ýollaryny öwrenýär. Mysal üçin simwolikany, protokollary, proseduralary, häkimlik apparatlaryny we başgalaryny öwrenýär.

- Etnokratologiýa – dürli etnoslaryň häkimlik barada özara gatnaşyklaryny öwrenýän ylymdyr.
- Kratostatistika – häkimlik barada ylymlarda maglumat toplamak we dolandyrmakda ulanylýan usullaryň toplumyny öwrenýär.
- Häkimlik barada ylymlarynyň geljegi - alymlarynyň häkimlikleri;

býurokratiýa – ýuristleriň häkimlikleri;

ýunokratiýa – ýaşlaryň häkimlikleri;

geokratiýa – häkimleriň planetar göz öňüne getirmesini öwrenýär.

## 4Tema: Kratologiýada kem-kemden özgerme we häkimiýetiň dürli görnüşleriniň hem tipleriniň ýagdaýyny hasaba almagyň zerurlygy

Her bir islendik häkimýet we aýratyn-da döwlet häkimýeti üýtgemelik bilen çäklenmeýär. Ol özüniň ösýänligi häsiýetini çalyşýan hadysalygy bilen saýlanýar. Şonuň üçin häkimýetiň ösüş dinamikasyny göz öňüne getirmeli. Onuň başdan-aýaga çenli aralykdaky özgermelere göz aýlamaly. Onuň ösüş basgançaklary döwürlerini we ýagdaýyny deňeşdirmegi başarmaly munuň özi bolsa häkimýetiň we onuň düzüminiň kem-kemden özgermesi kratogenezi barada meseläni goýmaga iterýär. Kratogenez häkimýetiň ondan-da özüniň emele gelmeginden tä ýok bolmagyna çenli aralykdaky ähli üýütgeşmelerini öz içine alýan häkimýetiň görnüşi we tipiniň anyk aýratynlykdaky ösüşidir.

Häkimýetiň dürli görnüşliliginiň we tipleriniň örän köp mahalynda seljerme aýratynda metodologiki häsiýete eýedir. Kratologiýanyň ähli bölümlerinde häkimýet proses hökmünde onuň ösüşinde görkezmäge, anyk häkimiýetiň modifikasiýasyny açyp görkezmäge şol häkimýetiň durmuş pursatlaryny we ýagdaýyny häsiýetlendirmäge hyzmat edýär. Şonuň üçin bu ýerde esasy üns kategorýal apparata bölünip berilýär we onuň başarnykly ulanylmagy häkimýetiň hakyky durmuşyny täsirini ol ýa-da başga häkimýetiň mümkinçiliklerini onuň geljekki ykbalyny çaklamagy görkezmegi mümkin bolan zatdyr. Häkimýetiň gelejekde anyk eýelerini görmeklik we bu adamlaryň wakalaryň halklaryň hem döwletleriň ykbalyndaky özgermeleriň hasabyny ýöretmeklik, şu günki kratologiýanyň möhüm wezipelriniň biridir. Häkimýetiň kemden-kemden özgermegi häkimýetiň üznüksiz ýagdaýga kem-kemden ösmegi ýaly bir zatdyr

Häkimýetiň özgermesinde we onuň hereket etmeginde zerur bolan zatlaryň peýda bolmagy hem toplanmagy häkimýetiň düzgüniniň kem-kemden emele gelmek prosesi, üýtgeýän hakykat bilen berk baglanşylylykda onuň hereketleriniň düzüminiň üýtgemegi hem häkimýetiň kem-kemden özgermesine degişlidir. Häkimýetiň kem-kemden özgermesi hakykatda häkimýetiň ykbalynda, ne onuň ullakan

özgermesinde, ne onuň ýok bolup gitmeginde düýpli öwrülişikleri göz öňünde tutmaýar. Emma munuň özi şeýle ýagdaýda häkimýeti özgertmekligiň aýgytly çärleriniň öňünde durmak bilen çäklenmän onuň çalşylmagynyň öňünde duran jemgyýetde düýpli özgertmeleriň täze ýagdaýlaryň bolmagyny talap edip biler. Adamzadyň tejribesi bilen gazanylan saýlawlylygyň täzelikligiň we häkimýetiň çalşyklylygynyň hut demokratik mehanizmleri jemgyýetçilik syýasy durmuşda rewalýusion sarsgynlaryň we ýumrulmalaryň gödek görnüşleriniň garşysyna durup biljek kepilnama bolup durýar. Has giň ýagdaýda aýdylanda şeýle mehanizmler anyk we masgara etmezden işlemelidir. Emma munuň özi çylşyrymly ýagdayda bolup geçýär we käteler çaknyşmalara alyp barýar. Ony şeýle ýagdaýda düşündirmeklik bolar:

1. Hususy tejribesizlik;

2. Häkimýete dalaş edýän adamlaryň özüne juda göwni ýetijilikli ynamlylygy.

3. Çaknyşmalaryň köplügi.

4. Köp asyrlyk göreş meýdanynda rehimsiz garpyşmalaryň emele gelmegi.

5. Rehimsiz etsem-pessemligiň kökleri. Şularyň hemmesini görmegi başarmaly, olaryň sapak edinmelidir. Geljekde syýasatçy bolup ýetişmeklikde şu ýagdaýy öwrenip düýpli netijeleri çykarmagyň ähmiýeti uludyr. Ol ýa-da başga bir häkimiýetiň hereket etmeginiň dowamly arasynyň üzülmesini häsiýetlendirmeklik bilen onuň kem-kemden özgermesine garamaklyk bilen döwür, era, taryh häkimýet ösüşiniň derejesi basgançagy ýeten derejesi barada aýtmalydyr. Häkimýetiň we deňeşdirmek kratologiýasynyň taryhynda häkimýetiň kem-kemden özgermesiniň anyk döwrüniň basgançagyny we derejesini häsiýetlendirmekde we bölüp bilmeklikde dürli çemeleşmeler we esaslar ulanylyp bilner. Köplenç ýagdaýda olaryň alyp barýan ugurlary we gurluşlary bilen bellemekde anyk häkimlik edýän şahslar olaryň maksady, hasaplary, maksatnamalary we ymtylmalary bilen baglydyr.

Häkimýetiň kem-kemden üýtgemeklik prosesinde hut häkimýetiň özi tarapyndan öňi häkimýet ösüş depgininiň möhri basylýar, onuň işjeňliginiň durnuklylygynyň öňe sürýän köp sanly ideýalarynyň, ýa-da tersine ösüşiň pesliginiň netijesizliginiň mydama pese gaçmaklygynyň pytrap başlamagynyň alamatlary-da duýdurýar.

Taryhy sahypalarynda pese düşüp ýitip giden örän köp sanly şahslaryň we adamlaryň köp sanawy bar. Olaryň häkimýet bilen düşünşip bilmän, beýlekilere görä hem derrew unudylýarlar. Häkimýtiň transformasynyň düzüminde, ulgamynda, mazmunynda hat-da düýp binasynda oňat özgermeleriň ýoly şeýle bu bolsa eýýäm bir köne häkimýetiň täze bir häkimýete geçýänliginiň alamatydyr. Sözüne aşa baha berýän galmagalçylar we aýgytly sarsgynlaryň muşdaklary kem-kemden özgermeler barada çykyş edýärler. Ýöne diňe Russiýany mysal alyp görenimizde, adalatly belleýişleri ýaly, bu ýagdaý kada boýunça öz borçlaryny ýerine ýetirdi. Russiýada häkimýet bir pikirdeşleriň bir neslinden başga bir nesline geçdi. Kem-kemden özgermeklige şu aşakdakylary degişli edip bolar:

– häkimýet täzelenişniň häzirki zaman ýagdaýyna eýe bolmagy;

– häkimýetiň kämilleşmegi;

– häkimýet bilen bilelikde onuň düzüminiň hem mehanizmleriniň hem kämilleşmegi, onuň täze talaplara, soraglara tehniki tehnologiki we informasion maglumatlary beriş mümkinçiliklerine jogap berýän has häzirki zaman ýagdaýa öwrülmekligi-de kratologiýanyň kem-kemden özgermeklik ýagdaýynda hasaba alnyp bilner. Häkimýetiň mutasiýasy bolanda oňa nähili düşünmeli? Häkimýetiň mutasiýasy dürli ýurtlarda bir görnüşli ýa-da bir tipli häkimýetiň häkimýet guramalarynda kemala gelýän we berkleşýän ol ýa-da beýleki meselelerdir, üýtgeşmelerdir. Olar häkimýetiň we häkimýetliligiň öz boluşly gaýtalanmaz, taryhy aýratyn keşbini döredýärler we olar täzeçiligiň elementleri bilen

baýlaşdyrylýar. Häkimýet keseli häkimýetiň ýerine ýetiriş wezipelerindäki mehanizmdäki prosesdäki ýagdaýyň obrazly göçme manyda beýan edilmegidir. Döwletde ýa-da sebitde işleriň bulaşmagy jemgyýetde we ol bilen baglanşykly proseslerde kadaly gidişiň bozulmagy we zerur dolandyryşyň ýitirilmekligi uzaga çenli häkimýetiň keseli şol häkimýetiň düzüminiň we ulgamynyň we şeýlelikde häkimýetde ol ýa-da beýleki toparlaryň hem-de şahslaryň saklanmagynyň umumy ýagdaýynyň hereket etmegini sorag astyna alýar. Diýmek, häkimýet çalyşygy meselesi ýüze çykýar. Şol ýagdaýda bolsa kesgitli toparlarda bileleşiklerde guramalarda özara birleşen adamlar "tebip" bolup orta çykýarlar.

Häkimýetiň degredasiýasy barada aýdylanda onuň şu aşakdaky ýaly alamatlary bolýar:

– häkimýetiň ýagdaýynyň we hereketiniň kem-kemden ýaramazlaşyp başlmagy;

– häkimýetiň gazanan netijeleriniň pese düşmegi;

– häkimýetiň oňat häsiýetleriniň ýitip başlamagy.

Häkimýetiň deformasiýasy, ýagny dargamasy hem şonuň ýaly ýagdaýdadyr. Emma onuň degredasiýadan tapawutlylykda häsiýetli alamatlary şulardyr:

– häkimýetiň ulgamynda, düzüminde, mehanizminde ýaramaz üýütgeşmeleriň bolmagy;

– şeýle üýtgeşmeleriň häkimiýete tabyn bolan organlarda-da peýda bolmagy.

Bularyň ikisi-de häkimýetiň durnuksyzlaşan mahalynda ýagny hereket edýän häkimýetiň başdan geçirýän ýykgynçylykly prosesinde we onuň netijesinde peýda bolyarlar. Şu ýagdaýyň özüni umumylykda alnanda syýasy durmuşyň durnuksyzlanmagy diýip düşündirip bolar. Giň taryhy düşündirişde aňlatmaly bolsa munuň özi krizisa batyp galmaklyk häkimýet düzüminiň ýykylmagy häkimýetsizlik ykdysadyýetiň ýumrulmagyna alyp barýan, jemgyýetçilik durmuşynyň ähli ugurlarynda gapma-garşylykly we daba jenjelli çylşyrymlylygyň bolmagyna özge, başga

konstitusiýalaryň we kanunlaryň kabul edilmegine, döwlet häkimýetiniň başga kanunlaryny hem kararlaryny kabul etmäge alyp barýan bulam-bujarlyk tarapyndan emele getirilen ýagdaýdyr.

Häkimýetiň şu hili düşen ýagdaýynda durnuksyzlyk has ýokary derejede şu bölümlerde bütin aýdyňlygy bilen bildirýär:

1. Güýç ulanyjy düzümlerde;
2. Goşunyň ýagdaýynda;
3. Döwlet howpsuzlyk we içeri işler organlarynda;
4. Sud we prokuraturada;
5. Däp bolan beýleki syýasy institutlarda.

Ýurduň durmuş bähbitleri onuň ösüşiniň düýpli zerurlyklary häkimýetiň durnuksyzlygyny häkimýetsizligi ýenip geçmegi, syýasy we sosial dartgynlygy gowşatmaklygy dürli syýasy guýçleriň arasyndaky jedelli esasy meseleleri çözmegi kanun çykaryjy, ýerine ýtiriji we sud häkimýetleriniň özara jebis hereketleriniň üpjün edilmegi esasy zat bolsa ilat bilen häkimýetiň arasyndaky özara düşünişmegi talap edýär. Häkimýetiň durnuksyzlygynyň çuňlaşdyrylmagy şu hili netijelere getirip biler.

1. Häkimýetde ýaramaz ýagdaýdaky üýtgemeleriň bolmagyna;
2. Häkimýetiň çalyşmagyna;
3. Merkezleşenligiň ýitmegine;
4. Häkimýetiň öňki sypatynyň ýitip gitmegine;
5. Häkimýetiň gymmatly häsiýetleriniň ýitmegine;
6. Häkimýetiň dargamagyna.

## 5Tema: Kratologiýa häkimýet baradaky ylymdyr.

Kratologiýa häkimýet baradaky ylymdyr. Kratologiýa sözüň doly manysynda aýratyn bir ylym bolup durmaýar-da özüniň baý mazmunlylygy bilen häkimýet baradky ylymlaryň giden bir ulgamyny kemala getirýär. Kratologiýa ýaňy kemala gelen ylym. Ylym hökmünde onuň öňünde duran meseleler bar.

Şol meseleleriň biri onuň düzüm bölegini dolulygyna kesgitlemeklik biziň öwrenýän dersimiziň dowamynda belläp geçen ylmy düşünjelerimiz, kratologiýanyň manysy, mazmuny, maksady baradaky maglumatlarymyz şertleýin däl hem bolsa, onuň toparlara bölünişinde şertleýinlilik göze ilýär. Döwrün ösüşi we özgerişi ýaly, kratologiýa hem ylym hökmünde ösýär, özgerýär. Diýmek oňa şu günüň garaýşy bilen berilýän bahalar, ylmy kesgitlemeler basym öz güýjüni ýitirer, netijede biziň alymlarymyz tarapyndan amala aşyrylan ylmy klasifikasiýamyza täzeden seretmeklik zerurlygy dörär. Şu ýagdaýlary göz öňüne tutup biz kratologiýanyň düzüminiň bölümleriniň bölünişgini şertli diýip atlandyrmaly bolýarys.

Kratologik pikirler köp wagtlardan bäri halkyň arasynda häkimýet baradaky pikirler görnüşinde ýaşamagyny dowam edipdir. Hat-da dolandyryjy hökümdarlar tarapyndan hem dürli döwlet we syýasy jemgyýetçilik işgärleri tarapyndan häkimýet baradaky pikirler aýdylypdyr. Olardan käbirlerini ýatlamaklyk ýeterlikdir:

1. Nikalaý II Rus patyşasy: (ol 1894-1917-nji ýyllarda dolandyrypdyr) “Häkimýete hemme taraplaýyn çemeleşmeklik zerur”.

2. Pýotr III Rus patyşasy: “Kratologiýanyň obýekti häkimýet”.

3. Aleksandr Lukaşenko: (Belorussiýa respublikasynyň prezidenti) “Kratologiýa bilimleriň bütewi ulgamy hökmünde seredilmelidir”.

4. Maks Webber: (1864-1920-nji ýyllarda ýaşan belli nemes sossiology professor) “Kratologiýanyň aladasy we üns bermeli obýekti häkimýet babatynda dürli halklaryň we dürli asyrlaryň akyldarlarynyň ideýalary taglymatlarydyr”.

5. Eduard Şewardnadze: (1995-nji ýylyň noýabr aýyndan başlap Gruziýanyň prezidenti) “Kratologiýa hökman halkara häsiýetine eýe bolmalydyr”.

6. Mintimer Şaripowiç Şaýmiýew: (Tatarystan Respublikasynyň prezidenti) “Ilkinji derejeli mesele häkimýet

baradaky bilimlelriň tertipleşidirilmekligi we ulgama salynmagy”.

7. Huares Benito Pablo: “Häkimýet baradaky ylmy-bilimler şu günki gün hem kemala gelmekligini dowam etdirýär”.

8. Ali Akbar Haşemi Rafsanjani: (Eýran Yslam Respublikasynyň öňki prezidenti) “Häkimýet hakyndaky ylymlaryň ulgamy – häkimýetiň görnüşleriniň dürli-dürliliginiň tertipleşdirilen häsiýetnamasy”.

9. Ulmanis Guntis: (Latwiýa Respublikasynyň prezidenti) “Bilimiň bölümleriniň ulgamlaşdyrylmaklygy häzirki häkimýet gurluşynyň aýratynlyklaryny hasaba almaklyk bilen durmuşyň möhüm basgançaklary bile baglylykda durmuşyň esasy sferalaryna anyk sosial institutlary bölüp almaklyk bilen durmuşyň esasy sferalaryna baglylygy alyp barýar”.

10. Tužman Frano: (Harwatiýanyň prezidenti) “Kratologiýanyň sferasyna hukugyň, hukugy öwrenişiň we syýasaty öwrenişiň ähli sferalary ýakyn”.

11. Ruzweld Teodor: (ABŞ-nyň 26-njy prezidenti) “Häkimýet hakdaky bilimleriň häsiýetnemesi: kratologiýanyň bazalaýyn pudaklary we bölümleri, kratologiýanyň ýörite pudaklary bölümleri, kratologiýanyň toplumlaýyn pudaklary we bölümleri”.

12. Emomali Rahmonow: (Täjigistan Respublikasynyň prezidenti) “Umumy kratologiýa jemgyýetde häkimýetlekriň tutuş kartinasyny suratlandyrýar we olaryň anyk çemeleşmelerini hödürleýär”.

13. Ramos Fidel Waldes (Filippiniň 1992-1998-nji ýllardaky prezidenti) “Kratologiýanyň dürli welaýatlary tapawutlandyrylýär: bazalaýyn, ýörite, we toplumlaýyn”.

14. Fransua Mitteran (Fransiýanyň 1981-1985-nji ýyllardaky prezidenti “Häkimýetiň kem-kemden özgermesi häkimýetiň üznüksiz ýagdaýda kem-kemden ösmegidir”.

15. Bin Klinton: (ABŞ-nyň 42-nji prezidenti) “Häkimýet basgançygy – häkimýetiň döremeginiň we güýjüniň göçme manydaky aňladylyşy”.

16. Şahruh: (Horasanyň hökümdary, 1377-1447-nji ýyllarda ýaşan, dolandyran ýyly 1409-njy ýyldan bşlap) “Häkimýetden soňky ýagdaý ol häkimýetiň sahnadan gitmeginden ýa-da dargamagyndan soňra bolup geçýän ýagdaý”

Elbet-de bu hili baha bermeleriň hemmesi hakykta laýyk diýlip düşündirilup bilinmez. Sebäbi, ol baha berenleriň köpüsi öz döwründe demokratik adamlar bolan bolsa, ýene biri ýekemenlik ýagdaýynda ýurdy dolandyrypdyr. Şonuň üçin bolsa olaryň syýasy etiketleri we medeniýetleri kemala gelen hem bolsa ýaramaz ahlaklylygy bilen halkyň arasynda at alanlaryda bar.

Eýsem syýasy medeniýet näme? Ony çyzgyda görkezip bolar:




Şu ýokarda aýdylanlar boýunça ýagny kratologiýa baha berenleriň hemmesiniň demokratik pikirli adamlar bolmandygy nazara alnanda hökmany suratda olaryň aýdanlaryna tankydy çemeleşmelidir. Her bir ylymda bolşy ýaly, çekeleşmeklik kratologiýada-da bar. Sebäbi, bu öňde görüp geçişimiz ýaly, syýasy pelsepe belli bir derejede syýasy durmuşyň meselelerini

örän içgin seljermegi talap edýändigi bilen tapawutlanýar. Jedelden bolsa hakykatdan dünyä inýär. Şonuň üçin jedelli meseleler mydama syýasy pikirlenmäniň gapdalynda bolmaly bolýar.

## 6Tema: Döwlet we döwlet häkimligi.

Döwlet - bu döwlet häkimliginiñ we döwlet territoriyasynyñ gurluşy we guramaçylyk prinsipidir.

Dowletiň esasy nyşanlary:

1. Häkimlik işlerini amala aşyrýan organlaryň we guramalaryñ aýratyn ulgamynyñ bolmagy.
2. Döwlet tarapyndan rugsat edilen we kesgitlenen normalaryñ ulgamy bilen berkidilen hukugyñ bolmagy.
3. Halkly territorisynyñ bolmagy.

Hukuk döwlet – kanunlara we hukuklara bagly durmuşy we işi gurnalan demokratik döwletiñ ýokary ösen kysymy.

Umumy halk döwleti – dowlet hakynda nazaryýetiñ biri bolup, nukdaý- nazardan häkimlik bütin halka degişlidir.

Döwlet gurluşy – berlen ýurtda we berlen wagtda döwlet öz ygtyyarlygy – döwletiñ öz içgi işlerinde we daşgy syyasaty alyp barmasynda doly garaşsyz.

Döwlet häkimliligi – ähli häkimlikliklериñ görnüşleriñ içinden iň merkezi – kuwwatlysy – iñ täsirlisi, jemgiýete we adama iñ gereklisi.

Döwlet häkimligi köp meyilnamaly düşunilyar:

1. Döwletiñ öz mümkinçiligi, onyñ jemgiýetiñ ozüni dolandyrmakdaky organlary.
2. Hereket edýan döwlet organlary.
3. Iñ ýokary hukuklary bolan häkimiyet adamlarynyñ umumylaşdyrlan atlary.

Döwletiñ we häkimligiñ barlygy añladyar.

Döwlet dolandyrmasy – döwletiñ iş formasy bolup kanunlary we jemgiyetçilik gatnaşyklary döwlet bähbidini amala aşyrmak maksady bilen döwlet syýasatçylary arkaly geçiryarler.

Döwlet hukukynyñ orny hem wajypdyr. Ol hukuk normalarynyñ toplumy bolup döwlet we jemgiýetçilik gurluşiniñ esaslaryny kesgitleýar.

Aç- açanlyk, häkimligiñ konstitusiyalygy, häkimligiñ ýokarylygy

Döwlet häkimligininñ işieñirligi iñ merkezi soraglaryñ biridir.

Ol halkyñ dürli gatlakryna, rayatlaryna, jemgyýetçilik añyna göniden- göni baglydyr.

Bu ýerde ilkinji bolup hakimligiñ aç-açanlygy, yagny onuñ kanuny – kanunlygy, bu häkimligi rayatlaryñ kabul edýänligindedir.

Kanun – bu döwlet häkimiýetiniñ permanydyr yagny ähli normatiw, hukuk aktlaryny, ähli dowlet düzgünlerini öz içine alyp biler.

Kanunalaýyklylyk – kanunlarýñ, düzgünnamalaryñ ýerine ýetirilmegi , jemgýetiñ durmuşyny häkimlikler tarapyndan barlanyp durulmagy.

Jemgiýetiñ, döwletiñ we häkimligiñ işeññir işlemegi üçin häkimligiñ we häkimligiñ paýlanmasynyñ deñagramlylygy bolmalydyr.

Häkimligiñ paýlanmasy- bu effektiw dolanmaklyga niýetlenen pikirlenen we položitel netijä garaşylýan häkimlik etmeklikdir.

Häkimlik ygtyýarlylygy – ol, ýa-da beýleki organlara we subýektlere degişli meseleleri çözmeklige mümkinçilik berlen hukuklaryñ ulgamydyr.

Hukuk häkimligi – konstitusiýa we beýleki kanunlar bilen kesgitlenýän we döwlet tarapyndan normalaryñ we düzgünleriñ toplumydyr.

Häkimligiñ paýlanyşy – bu syýasy we hukuk nazarýeti we tejribeligi bolup häkimligi dürli häkimlik bölekleriniñ we funksiýalaryñ biri bilen bagly däl toplumy hökmünde düşünüp bolar.

Häkimlik ygtyýarlylygy – ol, ýa-da beýleki organlara we subýektlere degişli meseleleri çözmeklige mümkinçilik berlen hukuklaryñ ulgamydyr.

Hukuk häkimligi- konstitusiýa we beýleki kanunlar bilen kesgitlenýän we döwlet tarapyndan normalaryñ we düzgünleriñ toplumydyr.

Häkimligi paýlama prinsipi – bu demokratiýany garantirlenen şertidir. Onda häkimligiñ hasaba alnyşy, paýlanyşy we özara täsiri kesgitlenýär.

Hojalyk pudaklar, sferalar, önümçilik ol ya-da beýleki döwletiñ, ýurtlaryñ toparlaryñ ýa-da dünýäniñ sferalary.

1. Ykdysady gatnaşyklaryñ kanunalaýyklygyny öwrenýän bilim pudagydyr.

Iñ bir rasional, pikirlenen, döredelen we adamynyñ başarnygyna we gyzyklanmasyna daýanýan ykdysadyýet bazar ykdysadyýetidir.

Bazar – esasy hadysa we bazar ykdysadyýetiñ esasy düşünjesidir

Onda adamlar biri-biri bilen söwda edýärler. Şonlukda harydy - haryda, harydy-pula çalyşmaklyk ýaly ykdysady gatnaşyklar amala aşyrylýar. Bazarda demokratiýa gatnaşyklary we demokratik dolandyrma gatnaşyklary ýörgünlidir.

Häzirki dünýäde iñ ýaýran siwilizlenen bazar gatnaşyklary hususy eýeçilige, hemme eýeçiligiñ deñgüýçligine we köpdürliligine, hususy gyzyklanma daýanýandyr.

Bu döwlet syýasatynyñ iñ bir wajyp ugurlaryñ biridir. Onda ykdysadýeti ösdürmek maksady bilen maksatlar, serişdeler, meseleler we amaly işler jemlenýär.

Ykdysady syýasatyñ maksady demokratik jemgiýetiñ ykdysady ulgamlarynyñ dinamiki we işeññir düzülmegini we ösmegini amala aşyrmakdyr. Döwletiñ ykdysady syýasaty aşakdakylary öz içine alýar:

- daşary ykdysady syýasat;

- bank;
- birža;
- walýuta;
- pul;
- gümrük;
- salgyt;
- tehniki-maliýe;
- emission we başgalardyr.

Ylmy-tehniki syýasat döwlet syýasatynyñ esasy bölekleriniñ biridir. Onda ylmy, tehnikany, bilimi ösdürmäge ugrukdyrylan ideýalaryñ ulgamy we amaly hereketler jemlenendir.

Sosial sfera – bu jemgiýetde bar bolan halkyñ sosial toparlaryñ, sosial institutlaryñ özara gatnaşyklarydyr.

Sosial syýasat- bu syýasy ideýalaryñ, çözgütleriň we häkimligiñ hereketleri bolup, olaryñ maksady, sosial bitewligiñ, ähli raýatlaryñ we her-bir raýatyñ funksionerlenmegini we ösmegini üpjün edýär.

Sosial üpünçilikdäki syýasat – bu döwletiñ kursy we ulgamy bolup, onuñ maksady ýurduñ, ähli raýatlaryñ, öz oruna bolan ynançlaryna saklamakdan ybaratdyr.

Maşgala syýasaty – bu döwletiñ maşgala ösdürmek maksady bilen amala aşyrýan işleridir.

Demokratiýa syýasaty – bu sosial işleriñ ulgamy bolup, onuñ maksady halkyñ demokratiýa laýyk jemgiýetcçilik pikirini kemala getirmekdedir. Bu syýasat saglygy goramak, sosial üpjün etmek we bilim syýasatlary bilen berk baglanşyklydyr.

Ýaşlar syýasaty – ýaş raýatlaryñ durmuş şertlerini gowlandyrmak maksady bilen alnyp barylýan syýasat. Bu syýasaty döwlet tarapyndan, ýa-da beýleki guramalar we partiýalar tarapynda hem amala aşyrylyp bilner.

## 7Tema: Häkimlik sosial – medeni hadysa höküminde, onuň ulgamy we aýratynlyklary

Häkimlik dünýäsi – bu jemgyýetiň durmuşynyň giň oblastydyr, esasy mazmunydyr, onuň barlygynyň ähli manysydyr, onuň elementidir, düzümidir, işleýşidir.
Ol jemgyýetiň beýleki sferalary, sosial, ykdysady, medeni we beýlekiler bilen berk baglanşyklydyr.

- Häkimlik dünýäsi köp meýilnamalydyr, ol diňe bir döwlet we syýasy häkimlige syrygýan däldir.
- Mysal üçin, birinji:

1) Awtoritetiň häkimligi.

- Apparatyň, puluň, däp-dessuryň, merkeziň, mugallymyň, diniň;

2) Absolýut häkimlik, awtoritar, administratiw, “dördünji”, siwilizirlenen we şuňa meňzeşler.

- W.W. Mşýewiniýeradze aşakdaky pikiri ýöredýär: Häkimligiň bar bolmaklygyň esasy usuly baglylyk formalaryň, garaşsyzlygyň, raýatlaryň arasyndaky gatnaşyklaryň, şahsyýetiň we jemgyýetiň sosial toparlaryň, synplaryň, döwletleriň toplumynyň arasyndaky gatnaşyklar bilen baglanşyklydyr. Häkimlik köp taraply, köp gatlakly we köp ölçeglidir. Onuň her bir ölçeglerini barlamaklyk aýratyn çemeleşmelerini we öz instrumentariýalaryny talap edýär.

Häkimligiň sferasy, sredasy, oblasty häkimligiň sferasy – ol ýa-da başga häkimligiň ýaýran oblasty, ýagny onuň täsiri we effektiw dolandyrmasy, umumy giňişlik

- Häkimligiň sredasy – şertleriň töweregi, sosial ýagdaýy, ykdysady, dini hereketler, hem-de adamlaryň ol şertler bilen bagly bolan toplumy.
- Häkimligiň oblasty – häkimligiň ýeri:
    1) Ýurduň bölegi – territoriýasy
    2) Ýurt
    3) Işiň pudagy, okuwyň çägi we başgalar.

Häkimligiň ulgamy – häkimlik hakynda göz öňüne getirmeleriň bitewi kompleksi, häkimlik gatnaşyklaryň,

guramalaryň bütewi toplumy, kärhanalar we ýokardan aşak häkimlik ediji adamlar, häkimligi guraýan, saýlaýan, bellenýän adamlar.

- Ýene-de häkimlik ulgamy diýen düşünje bar:
  4) Häkimligiň gurama formalary.
  5) Häkimlik organlaryň ýerleşmeleriniň kesgitlenen tertibi, olaryň özara täsiri.
  6) Häkimlik organlaryň toplumy.
- Häkimligiň düzümi – häkimligiň düzüminiň gurnalyşy, häkimlik ulgamlarynyň içgi gurluşlary, zwenolary, eşelonlary, derejeleri. Olarda garaşlylyk, deň garaşlylyk, özara täsir, ykjam baglanşyklydyr.
- Derejesi boýunça pesde bolan häkimlik infradüzümleri – sosial syýasy düzümleriň kompleksidir (syýasy partiýalar, jemgyýetçilik hereketleri, jemgyýetçilik guramalary). Olara häkimlik daýanýandyr. Ol ýere oppozisiýa girýän däldir.
- Häkimlik ulgamyna golaý bolan düşünje – häkimlik piramidasy düşünjedir. Bu häkimligiň obrazydyr, onuň düzüminiň adamlaryň aňyndaky göz öňüne getirmesidir.
- Bu piramidany wertikal häkimlik, aşakdan ýokaryk dolandyrma funksiýalaryny kesgitlemekden ybaratdyr.
- Häkimligiň gorizontallygy deň tertibi häkimlik organlary aňladýandyr.
- Häkimlik ulgamy – jemgyýetiň durmuşynyň syýasy ulgamynyň merkezi bölegidir, onuň ýadrosydyr. Ol döwlet organlaryň özara baglanşyklaryny guramçylyk kompleksidir.
- Demokratik jemgyýetde häkimligiň ýeke täk çeşmesi bolup halk hyzmat edýär, ýagny häkimlik ulgamy halkyň barlagy astynda bolýar.
- Häkimlik ulgamynyň esasy häsiýetnamasy onuň kanun çykarma, ýerine ýetirme we sud organlaryň bölünmesidir. Ýöne, bu barada dürli pikir ýöretmeler bolup biler. Mysal üçin, Latyn Amerikasy ýurtlarynda käbirinde dört

häkimlik, Alžyrda alty häkimlik bardyr. Ol häkimlikleriň esasan ýedisi hakynda gürrüň edip bolar:

1) Jemgyýetçilik pikir häkimligi.
2) Hemişelik kanun çykaryjy häkimlik.
3) Ýerine ýetiriji häkimlik (prezident,döwlet).
4) Sud häkimligi.
5) Material häkimligi (goşun, polisiýa, türme).
6) Federal häkimlik.
7) Federasiýanyň agzalarynyň häkimligi.

Häkimligiň subýekti – häkimligi göterijiler, ýagny olardan täsir, perman, tabşyryk we şuňa meňzeş alynýar.

- Häkimligiň obýekti – organlar, guramalar, kärhanalar we şuňa meňzeşler.
- Käbir halatlarda, häkimligiň subýekti obýekt bolup hem biler.

Häkimligiň prinsipleri:

1) Saklanmak prinsipi.
2) Hereket prinsipi.
3) Aç-açanlyk prinsipi.
4) Hakykatyň prinsipi.
5) Köpçülikleýin prinsipi.
6) Sabyrlylyk prinsipi.
7) Konýuktr prinsipi.
8) Özüňi tankytlamak prinsipi.
9) Güýç bilen boýun etme prinsipi.
10) Medeni prinsipi.
11) Ýollar prinsipi.
12) Pozitiw prinsipi.
13) Jogapkärçilik prinsipi.
14) Özara gurnama prinsipi.
15) İçgi mahabatlandyrma prinsipi.
16) Berklik prinsipi.
17) Lokal prinsipi.
18) İntegrasiýa prinsipi.
19) Kompetent prinsipi.

## 8Tema: Häkimligiň tipologiýasy

Tipologiýa – derňemäniň ylmy usullarynyň biri bolup, onuň düýp manysy obýektler ulgamynyň we olaryň toparlarynyň jemlenen modeller we kysymlar kömegi bilen böleklere bölenmegini aňladýar.
Häkmiligiň kysymlary – bu häkimlik gurluşynyň esasy synplarydyr we olar ägirt taryhy döwürlerde, ýagny gul eýeçilik, buržuaziýa we başgalarda seredilýär. Häkimligiň jynsy we häkimligiň görnüşleri.

Häkimligiň jynsy – bu umumy nyşanlary bolan birnäçe görnüşleri birikdirýän topardyr. Mysal üçin, ykdysady dini we şuňa meňzeş.

- Häkimligiň görnüşi – bu häkmliginiň ulgamyna girýän bölümlerdir. Bu ýerde dürli görnüşleriniň klassifikasiýasy bolup biler:
  a) Ykdysady, sosiýal, syýasy, döwlet, dini.
  b) Häkmiligiň roly boýunça – kanun çykaryjy, wekilçilik, ýerine ýetiriji, sud.
  w) Häkmiligiň strukturada orny boýunça – merkezi, regional, ýerli we şuňa meňzeş.

Häkmiligiň ýüze çykmasynyň formasy. Häkmiligiň formasynyň iň bir umumulary:

- agalyk etmek – bir adamlary beýlekilere garaşly etmek;
- ýolbaşçylyk etmek, ýagny göni ýa-da başgalaryň üsti bilen adamlara täsir etmek;
- dolandyrmak – işiň anyk sferasynda berlen režimi saklamak üçin mümkinçilik üpjün etmek.
- guramaçylyk – ulgamyň elementleriniň arasynda subordinasiýa, koordinasiýa gatnaşyklary üpjün etmek.
- barlag – adamlaryň jemgyýetdäki işleriniň normasyny, prinsiplerini korrektirlemek we barlamak.

- Häkimlik ýüze çykmasy boýunça hem klassirfisirlenýär:
  - kanuny
  - güýç ulanylýan
  - sylaglanmak
  - kompetent
- Maks Weber häkmiligiň üç kysymyny görkezýär
  - däpleýin
  - harezmatiki
  - aç-açan, kanun tarapyndan berklenen

I.A. Wasilenko häkimligi bäş görnüşe bölýär:

1. Biologiki – adam syýasy toparlara girmeklige we öz baştutanlaryna boýun bolmaklyga ýykgyn edýär. Onuň bu häsiýeti genetiki nesilden nesle geçýär.
2. Psihologiki – biologiki bilen baglanşykly bolup, onda dogabitdi syýasy sosial toparlara goşulmak ukyplary bar.
3. Rasional – adamlaryň arasyndaky akylly gatnaşyklary, sagdyn pikir, islendik syýasy jemgyýet anarhiýadan gowy diýlen pikir bar.
4. Irrasional, ýagny adam özüniň tebigaty boýunça ilki durmuş döwürinden bäri gorky bilen gurşalan, olaryň pikiri irrasional, şonuň üçin olary dolandyrmak simwollary, mifleriň üsti bilen aňsat. Häkimlikde duran adamy hudaýlaşdyrmak mümkin.
5. Medenileşdirmek, ýagny adamzat siwilizasiýasy medeniýetine daýanyp häzirki syýasy häkimligi düşündirmeklikdir.

Häkimligiň formalary:

1. Taryhy kysymlar:
   - patriarhal, gul eýeçilik, feodal, buržuaz, sosialistik
2. Subýekitler boýunça:
   - hökümdaryň ýa-da halkyň häkimligi.

Obýektler, olaryň sferasy, regionlar, derejeler, göwrümler boýunça.

**9Tema: Ykdysadyýet, durmuş sfera we häkimlik**.

Ykdysadyýet we häkimlik düşünjesi gadymy greklerden gelip öý hojalygyny dolandyrmak sungatyny añladýar:

2. Hojalyk - pudaklar, sferalar, önümçilik ol ya-da beýleki döwletiñ, ýurtlaryñ toparlaryñ ýa-da dünýäniñ sferalary.
3. Ykdysady gatnaşyklaryñ kanunalaýyklygyny öwrenýän bilim pudagydyr.

Iñ bir rasional, pikirlerden, döredilen we adamynyñ başarnygyna we gyzyklanmasyna daýanýan ykdysadyýet bazar ykdysadyýetdir.

Bazar - esasy hadysa we bazar ykdysadyýetiñ esasy düşünjesidir. Onda adamlar biri-biri bilen söwda edýärler. Şunlukda harydy-haryda, harydy-pula çalyşmaklyk ýaly ykdysady gatnaşyklar amala aşyrylýar. Bazarda demokratiýa gatnaşyklary we demokratik dolandyrma gatnaşyklary ýörgünlidir.

Häzirki dünýäde iñ ýaýran siwilizlenen bazar gatnaşyklary hususy eýeçilige, hemme eýeçiligiñ deñgüýçligine we köpdürliligine, hususy gyzyklanma daýanýandyr. Bu döwlet syýasatynyñ iñ bir wajyp ugurlaryñ biridir. Onda ykdysadýeti ösdürmek maksady bilen maksatlar, serişdeler, meseleler we amaly işler jemlenýär.

Ykdysady syýasatyñ maksady demokratik jemgiýetiñ ykdysady ulgamlarynyñ dinamiki, effektiw formirlenmegini we ösmegini amala aşyrmakdyr. Döwletiñ ykdysady syýasaty aşakdakylary öz içine alýar:

- daşary ykdysady syýasat;
- bank;
- birža;

- walýuta;
- pul;
- gümrük;
- salgyt;
- tehniki-maliýe;
- emission we başgalardyr.

Ylmy - tehniki syýasat döwlet syýasatynyñ esasy bölekleriniñ biridir. Onda ylmy, tehnikany, bilimi ösdürmäge ugrukdyrylan ideýalaryñ ulgamy we amaly hereketler jemlenendir.

Sosial sfera – bu jemgiýetde bar bolan halkyñ sosial toparlaryñ, sosial institutlaryñ özara gatnaşyklarydyr.

Sosial syýasat – bu syýasy ideýalaryñ, çözüwleriñ we häkimligiñ hereketleri bolup, olaryñ maksady, sosial bitewligiñ, ähli raýatlaryñ we her-bir raýatyñ funksionerlenmegini we ösmegini üpjün edýär.

Sosial üpünçilikdäki syýasat - bu döwletiñ kursy we ulgamy bolup, onuñ maksady ýurduñ, ähli raýatlaryñ, öz ornuna bolan ynançlaryny saklamakdan ybaratdyr.

Maşgala syýasaty - bu döwletiñ maşgala ösdürmek maksady bilen amala aşyrýan işleridir.

Demokratiýa syýasaty - bu sosial işleriñ ulgamy bolup, onuñ maksady halkyñ demokratiýa laýyk jemgiýetcçilik pikirini kemala getirmekdedir. Bu syýasat saglygy goramak, sosial üpjün etmek we bilim syýasatlary bilen berk baglanşyklydyr.

Ýaşlar syýasaty – ýaş raýatlaryñ durmuş şertlerini gowlandyrmak maksady bilen alnyp barylýan syýasat. Bu syýasaty döwlet tarapyndan, ýa-da beýleki guramalar we partiýalar tarapyndan hem amala aşyrylyp bilner.

**Edebiýat:**


1. Berdimuhamedow Gurbanguly. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 1-nji tom. – Aşgabat, 2008.
2. Berdimuhamedow Gurbanguly. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 2-nji tom. – Aşgabat, 2009.
3. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Mälikgulyýewiç Berdimuhamedow. Gysgaça terjimehal. - Aşgabat, 2007.
4. Berdimuhamedow Gurbanguly. Türkmenistan – sagdynlygyň we ruhubelentligiň ýurdy. - Aşgabat, 2007.
5. Berdimuhamedow Gurbanguly. Türkmenistanda saglygy goraýşy ösdürmegiň ylmy esaslary. - Aşgabat, 2007.
6. Berdimuhamedow Gurbanguly. Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek – bagtdyr. - Aşgabat, 2007.
7. Berdimuhamedow Gurbanguly. Eserler ýygyndysy. I tom - Aşgabat, 2007.
8. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň daşary syýasaty. Wakalaryň hronikasy. - Aşgabat, 2007.
9. Gurbanguly Berdimuhamedow. Halkyň saýlany we ynam bildireni. - Aşgabat, 2007.
10. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýurdy täzeden galkyndyrmak baradaky syýasaty. - Aşgabat, 2007.
11. Türkmenistanyň Konstitusiýasy. – Aşgabat, 2008.
12. Berdimuhamedow Gurbanguly. Döwlet adam üçindir. – Aşgabat, 2008.
13. Beýik Özgertmeleriň ýyl ýazgylary. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň 2007-nji ýylda alyp baran işleriniň hronikasy. 1-ji goýberiliş. - Aşgabat, 2008.

14. Berdimuhamedow Gurbanguly. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 2-nji tom. – Aşgabat, 2009.
15. Berdimuhamedow Gurbanguly. Ahalteke bedewi – biziň buýsanjymyz we şöhratymyz. – Aşgabat, 2009.
16. Berdimuhamedow Gurbanguly. Türkmenistanyň dermanlyk ösümlikleri. Aşgabat, 2009.
17. Ata arzuwyny amala aşyrýan agtyk. – Aşgabat, 2009.
18. Beýik Özgertmeleriň ýyl ýazgylary. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň 2008-nji ýylda alyp baran işleriniň hronikasy. – 2-nji göýberiliş, Aşgabat, 2009.
19. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň Mejlisiniň IV çagyryşynyň birinji maslahatynda eden Çykyşy (2009-njy ýylyň 9-njy ýanwary). – Aşgabat, 2009.
20. Türkmenistanyň Prezidenti, Türkmenistanyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň döwlet howpsuzlyk geňeşiniň giňeldilen mejlisinde Sözlän sözi (2009-njy ýylyň 21-nji ýanwary). // Türkmenistan. 2009. 22-nji ýanwar.
21. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň diplomatik korpusy bilen geçiren maslahatynda Sözlän sözi (2009-njy ýylyň 18-nji fewraly). // Türkmenistan. 2009. 19-njy fewral.
22. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň EKO-nyň ýokary derejedäki 10-njy ýubileý duşuşygynda eden Çykyşy (Tähran, 2009-njy ýylyň 11-nji marty). // Adalat. 2009. 13-nji mart.
23. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň GDA ýurtlarynyň daşary işler ministrleriniň geňeşiniň mejlisindäki Çykyşy (Aşgabat,

2009-njy ýylyň 10-njy apreli). // Türkmenistanyň Prezidentiniň metbugat çapary. 2009. 17-nji aprel.
24. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň „Energiýa serişdeleriniň ygtybarly we durnukly üstaşyr geçirilmegi hem-de durnukly ösüşi we halkara hyzmatdaşlygy üpjün etmekde onuň hyzmaty“ atly ýokary derejedäki Halkara maslahatynda Sözlän sözi. (Aşgabat, 2009-njy ýylyň 23-nji apreli). // Türkmenistan. 2009. 24-nji aprel.
25. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Aral kölüni halas etmegiň halkara gaznasyna esaslandyryjy döwletleriň baştutanlarynyň sammitinde Sözlän sözi. (Almaty. 2009-njy ýylyň 28-nji apreli). // Türkmenistanyň Prezidentiniň metbugat çapary. 2009. 8-nji maý.
26. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Ministrler Kabinetiniň göçme mejlisinde Sözlän sözi. (2009-njy ýylyň 12-nji iýuny). // Türkmenistanyň Prezidentiniň metbugat çapary. 2009. 19-njy iýun.
27. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň „Awaza“ milli syýahatçylyk zolagynda ilkinji desgalaryň açylyş dabarasynda eden çykyşy. (2009-njy ýylyň 15-nji iýuny). // Türkmenistanyň Prezidentiniň metbugat çapary. 2009. 19-njy iýun.
28. Berdimuhamedow Gurbanguly. Türkmenistanyň ykdysady strategiýasy: halka daýanyp, halkyň hatyrasyna// Türkmenistan. 2010. 10-njy maý.
29. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň Ýaşulularynyň maslahatynyň mejlisinde sözlän sözi (Daşoguz, 2010-njy ýylyň 14-nji maýy). // Türkmenistan. 2010. 15-nji maý.
30. Türkmenistanyň Konstitusiýasy. – Aşgabat, 2009.
31. Халипов ВВ. Введение в кратологию. Москва. 1997.

32. Халипов В.В. Кратология. (учебник для вузов) Материалы Интернет- сайта русская гуманитарная интернет Академия РГИА. 2007
33. Халипов В.В. Кратологический словарь. Москва 1997
34. Белов Г.А. Политология: Учеб. Пособие. М,.1994.
35. Гаджиев К.С. Политическая наука: Учеб. Пособие. М,.1994.
36. Гаджиев К.С. и др. Введение в политологию: Учеб. Пособие.
М,.1993.
37. История политических учений: Сб. статей. М., 1990.
38. Каменская Г. В., Родионов А. Н. Политические системы
современности: Учеб. Пособие. М., 1994.
39. Основы политической науки: Учеб. Пособие Под ред. В.П. Пугачева. М., 1993.
40. Политология в смехах, в таблицах. М., 1991.
41. Политология. Курс лекций: Учеб. Пособие. Под ред. М., 1993.
42. Политическая теория и политическая практика. Словарь – справочник
М., 1994.
43. Политология: Энциклопедический словарь. М., 1993.
44. Краткий словарь иностранных слов. Составитель С.М. Локшина. М., 1984. С. 297.
45. Тойнби А. Постижение истории. М., 1991. С. 100.
46. История Ирана. М., 1977.
47. Утченко С.А. Юлий Цезар. М., 1976.
48. Большой русско-туркменский словарь. 1-2 том, М., 1986.
49. Durdyýew H. Gözellik. Aşgabat, 1993.
50. Харламов И.Ф. Педагогика. М., 1990.
51. Психология и педагогика. М., 2000.
52. История СССР. 1-2 том, М., 1959.

53. Историография нового времени стран Европы и Америки. М., 1967.
54. История Убекской ССР. 1- том, 1-кн., Ташкент, 1955.

# Mazmuny

**Giriş**........................................................................7-11
Tema: Kratologiýanyň many mazmuny we düşünjesi........11-20
Tema: Kratologiýa ylmynyň gurluşy (strukturasy)……….20-32
Tema: Kratologiýanyň düzümi we onuň dersi hem-de obýekt funksiýalary..............................................32-35
Tema: Kratologiýada kem-kemden özgerme we häkimiýetiň dürli görnüşleriniň hem tipleriniň ýagdaýyny hasaba almagyň zerurlygy...................35-40
Tema: Kratologiýa häkimýet baradaky ylymdyr...............40-43
Tema: Döwlet we döwlet häkimligi…………………….43-47
Tema: Häkimlik sosial – medeni hadysa hoküminde, onuň ulgamy we aýratynlyklary………………………...47-50
Tema: Häkimligiň tipologiýasy.......................................51-53
Tema: Ykdysadyýet, durmuş sfera we häkimlik................53-54
Edebiýat…………………………………………..…55-59